It is universally acknowledged that a lion is the king of all animals', a tiger is the most dangerous beast of prey and a leopard is the most beautiful and highly-skilled cat. The leopard has a supple and well-shaped body, a round head, a big tail and sinewed, muscular paws. They are 180cm long plus a tail of 100cm, but their weight is not more than 40kg. A wild cat has astounding yellow eyes and bright colour of the skin: clear dark spots can be seen all around the body, and the chest and belly are light or white with some spots. Leopard's fangs look like those of modern "saber-toothed". A leopard has excellent hearing and vision, but their sense of smell is very poor.

Usually the leopard lies in wait near the animal trail or closest water body. Though a leopard is inferior in strength to a tiger or a lion, it surpasses them in ability to stalk its prey. It is an animal with foxlike behaviour. It perfectly climbs on rocks stalking an argali or a bezoar goat. If a leopard hunts from an ambush, it makes a big leap (the height of the leap may be up to 5.5 metres); falls on the prey's back and overturns it on the ground. You can see an argali's skeleton high on a juniper tree on the Dushak Mountain, where a leopard brings the prey, so that other beasts of prey could not get it.

Mountain tourists say that a leopard chases human beings and prowls about their tents at night. In most cases it is just imagination. A leopard never attacks a human being and usually avoids them. Many people who have seen this animal could confirm this. As a rule, an adroit animal is the first to discover a human; a leopard has a sharp vision, it can see a human or an animal at the distance of 1.5 kilometres.

A she-leopard hides its cubs in remote canyons and caves, cracks, holes under reversed roots of trees serve as a den. Leopards can breed all year round and after three months of pregnancy a female leopard delivers 1-2 cubs. They are born blind and helpless, but very soon they start seeing and hunting after frogs and birds. Mother leopards take care of the cubs until they reach the age of two years old. One can meet a she-leopard with cubs of different ages and a male leopard



© Andy Pasta

Ýitmesi hem tapba kesilipdir. Ýogsam bolmanda, häli-häzirem radiostansiýanyň daş-töwereginde alajagaplaňyň aýak yzyna duş gelmek bolýar. Diýmek, sag alajagaplaňlar oturymly ilatdan has uzakda özlerine iýmit gözleýändigi hakykata golaýdyr.

–Ýabany haýwanlary goramagyň Bütindünýä gaznasynyň 1999-2000--nji ýyllarda amala aşyrylyp başlanan taslamasynyň esasynda alajagaplaňlary goramagyň hem-de ýerli ilatyň olara bolan gatnaşyklaryny kadalaşdyrmaga täzeçe çemeleşilýär. Bu oýlanyşykly işlenip düzülen çärelere laýyklykda ýyrtyjylaryň ýaralan ýa-da öldüren ownuk malyna derek onuň eýesine sanma-san diri mal gaýtarylyp berilýär.

Bu taslamany durmuşa geçirmäge işeňňir gatnaşýanlaryň biri Wiktor Lukarýewskiý şeýle belleýär:

—Ýerli ilat alajagaplaňlary gorap saklamagyň esasy ugurlaryna uly höwes bilen gatnaşýarlar. Oba adamlary ýabany haýwanlary gorap saklamak üçin olara täzeçe garamagyň, öňden gelýän düzgünleri, aň-düşünjeleri üýtgetmegiň zerurdygyna göz ýetirdiler. Olar öz hojalyk mallarynyň baş sanynyň kemelmezliginiň aladasynyň edilýändigine ynansoňlar bize ýakyndan goldaw berip ugradylar. Şeýlelikde, ikitaraplaýyn tagallalaryň birikmegi özüniň oňat miwesini berýär. Mundan başga-da, dag pişikleriniň esasy awlaýan toýnakly jandarlarynyň sany hem ep-esli derejede köpelip başlady. Şeýle hem tebigaty goramagyň dürli-dürli görnüşlerde wagyz edilmegi, ýagny telewideniýede, radioda, gazet-žurnallarda ekologiýanyň wajyp meselelerine degişli aň-bilim işleriniň giňden ýaýbaňlanmagy netijesinde barha köp raýatlar Türkmenistanyň janly tebigatynyň we başga ýerlerde duş gelmeýän jandarlarynyň ýurduň milli baýlygydygyna düşünip, bu meselä has jogapkärli garaýarlar.

Adatça, ýolbars haýwanlaryň – şasy, gaplaň – iň ýyrtyjy, alajagaplaň bolsa – iň çalasyn, iň ýyndam hem-de owadan jandar hasaplanýar. Ynha, siz şu suratlara üns beriň: dag pişiginiň diýseň çeýe hem-de berdaşly gowresi bar, kellesi tes-tegelek, boýny uzyn hem-de ýogyn, guýrugy hem uzyndan gelen kuwwatly, gerek ýerinde ol guýrugyny bulap, güýçli zarba urup bilýär, syh--syh dyrnakly penjeleri demir ýaly berk. Onuň gowresiniň uzynlygy 180 sm, muňa goşmaça, guýrugy hem ýene – 100 sm-e deňdir. Emma bu dogumly dag pişiginiň agramy weli 40 kg-dan ýokary geçmeýär. Alajagaplaňyň sarymtyl gözleri uzakdan ýanyp duran ýaly görünýär, derisi– hamy özboluşly açyk ala reňkilidir: gara tegmiller tutuş gowresine ýaýraýar, döşüniň üsti hem-de garnynyň aşagy ap-ak, käýarym gara tegmiller hem bolýar. Onuň alyn dişleri şeýle bir berk hem-de ýiti weli, ony kähalatlarda häzirkizaman «gylyç görnüşli gyýaklaryň» toparyna hem girizýärler. Bu ýabany jandarlar örän eşitgir hem-de diýseň görgür, ýöne ys alyş agzalary weli o diýen öwerlikli ösen däldir.

Alajagaplaň awa-şikara çykanda, öz endigine görä haýwanlaryň gatnaýan ýodasynyň ýa-да suwly çeşmäniň golaýynda



© Andy Pasta

пропаганды – телевидению, радио, публикациям, программам экологического просвещения – все больше людей отдают себе отчет, что природа Туркменистана и уникальные виды животных – их национальное достояние и наследие.

Принято считать, что лев – царь зверей, тигр – самый опасный хищник, а самая красивая и ловкая кошка – это леопард. Вглядитесь в снимки. У зверя гибкое и очень стройное тело, голова округлая, большой хвост и мощные, мускулистые лапы. В длину они достигают 180 см, плюс еще хвост — 100 см, но по весу не вырастают больше 40 кг. У дикой кошки поразительно желтые глаза и яркая окраска шкуры: по всему телу четкие темные пятна, а грудь и брюхо светлые или белые с небольшим количеством пятен. Клыки у леопарда такие, что иногда их даже относят к современным «саблезубым». У леопардов великолепный слух и зрение, а обоняние очень слабое.

Обычно хищник сидит в засаде возле звериной тропы или ближайшего водоема. Уступая в силе тигру или льву, леопард превосходит их в умении бесшумно и ловко подкрадываться к жертве. Это очень хитрая кошка. Он прекрасно лазает по скалам, преследуя архара или безоарового козла. Если леопард охотится из засады, то делает огромный прыжок (высота прыжка может достигать 5,5 м), падая жертве на спину, кусает за загривок и валит на землю. На Душаке можно увидеть скелет архара высоко на арче, куда леопард затаскивает добычу, чтобы она не досталась другим хищникам.

У горных туристов есть байка, что леопард преследует человека, по ночам бродит вокруг их палаток. В большинстве случаев – это игра воображения. Леопард при встрече с человеком никогда не нападает, а обычно сворачивает в сторону. Это может подтвердить каждый, кто видел животное в горах, а таких достаточно много. Как правило, ловкая кошка первой обнаруживает человека, у леопарда очень зоркое зрение, он может увидеть чужака за 1,5 километра. Своих котят самка прячет в глухих ущельях. Логовом им служат пещеры, расщелины, ямы под вывернутыми корнями деревьев. Размножаются леопарды круглый год. Через 3 месяца беременности у самки появляется 1-2 детеныша. Они рождаются слепыми и беспомощными. Но очень скоро прозревают и начинают свои первые вылазки за лягушками и пичужками. Мать до 2 лет заботится о потомстве. Встречается и самка с разновозрастными котятами. Самец навещает свой выводок, помогает охотиться. В возрасте 2-3 лет молодые леопарды обзаводятся своими семьями.

Как ни странно, но у леопардов на Душаке есть враги. Это – волки. Не раз С. Фатееву доводилось видеть на снегу следы борьбы леопарда с волчьей стаей. Обычно волки преследуют молодых неопытных леопардов и загоняют их на столбы и деревья, а однажды молодой самец

will visit its brood, helping them to hunt. At the age of two to three young leopards will leave their mother and acquire their own families.

Strange though it may seem, leopards in the Dushak Mountain have enemies. These are wolves. More than once Stanislav Fateev saw traces of fighting between a leopard and a pack of wolves on the snow. Usually wolves drive young inexperienced leopards up into the trees. Once, a young leopard had to climb a transmission tower in an attempt to escape its attackers and was electrocuted on the high-voltage wires. Only wolf traces were found in this place.

Fateev explains: "For many years of observation, especially in winter time, when the animal's traces can be well seen on the snow, we can define precise routes of the leopard's migration and specify the species' habitat. In other words, we should find a leopard's most visited place where it leaves a lot of so called scrapings. Our photo camera was put in such a place and this enabled us to photograph a big leopard family which settled around the scent. I am sure that after seeing these beautiful and proud animals, every person will behave toward nature with great care and value and preserve these beautiful but rare animals".

Prepared by Vladimir Komarov. Photos by Stanislav Fateev. ●

---

bukulýar. Ol güýji babatda ýolbarsdan hem-de gaplaňdan ejiz gelse-de, duýdurman we çalasynlyk bilen öz awunyň edil alkymyna golaýlamaga gezek gelende, olardan has ökdedir. Alajagaplaň pişikler maşgalasynyň içinde iň mekiri, hilegäri hasap edilýär. Dag umgalaryny ýa-da keýikleri awlamak üçin olary kowalanda kert gaýa-daşlaryň üstüne emgenmän, zyrmyrlyp çykmagy başarýar. Bukudan awuna topulanda 5,5 metre çenli ýokarlygyna böküp, öz pidasynyň üstüne towusýar we gerşinden berk dişläp, ony ýere pylçap urýar. Duşakda arçalaryň çür başynda dag umgalarynyň gatap galan süňklerini görmek bolýar we bu hadysa alajagaplaňyň öz awuny beýleki haýwanlara bermejek bolup, ony agajyň depesine süýräp çykarandygyny görkezýär.

Dag gözelligine aşyk syýahatçylaryň arasynda hamala alajagaplaň adam ýzarlaýan haýwan, gijelerine olaryň düşelgesiniň golaýyndan aýrylmaýar diýlen giňden ýaýran bir gürrüň bar. Muňa syýahatçylaryň özaralarynda ýelýürekleriň üstünden gülmek üçin tapan toslamasy diýmek ýerlikli bolsa gerek. Bu edenli, gujurly dag pişikleri adama gabat gelende, adatça, ondan garagörnüm daşlykdan sowlup geçýär. Muny dagda ýaşaýan alajagaplaňlary gören her bir adam tassyklap biler, şeýle adamlaryň sany bolsa bir ýa-da iki däldir. Aýdyşlaryna görä, alajagaplaň adamy ilki görýär, çünki onuň gözi öräp ýiti bolup, nätanyş, keseki jandarlary 1,5 km daşlykdan açyk saýgaryp bilýär. Ene alajagaplaň öz çagalaryny jülgäniň aýagujunda, gyrymsylygyň iň çola ýerlerinde gizleýär. Gaýalaryň düýbündäki gowaklar, kowekler, daşlaryň arasyndaky jaýryklar ýa-da köki bilen goparylan agaçlaryň düýbündäki çukurlar bu haýwanlar üçin süren hökmünde hyzmat edýär. Olar ýylyň tutuş dowamynda köpelýär. Ene alajagaplaň göwreliligiň üçünji aýynda çagalaýar, her gezekde onuň 1-2 sany körmüş hem-de ejizje çagalary peýda bolýar. Olar esli wagtlap gözleri açylman sürende çyňsaşyp ýatýarlar. Birnäçe wagt geçip, gözleri açylansoň gurbaga ýa-da gyzyletene gusjagazlary aňtap, ilkinji gezek awa çykýarlar. Enesi iki ýyllap çagalaryny öz golaýyndan aýyrmaýar. Ýaşy boýunça bir-birinden tapawutlanýan çagalaryny öz ýanynda saklap ýören ene alajagaplaňlara duş gelmek bolýar. Erkek alajagaplaň bolsa, esasan, çagalarynyň iýmitiniň aladasyny edýär, olara aw awlamagyň tilsimlerini öwredýär. Iki-üç ýaşa ýetensoňlar ýaş alajagaplaňlaryň özleri çagalap başlaýarlar.

Hernäçe geň galdyrsa-da, Duşagyň daglarynda ýaşaýan alajagaplaňlary eýmendirýän birehim duşmanlary bar. Olar – möjekler. Stanislaw Fateýew birnäçe gezek garyň üstünde bir alajagaplaňyň tutuş möjek ordasy bilen garpyşygynyň gana boýalan yzyny görüpdir. Adatça, möjekler heniz göreş tejribesi bolmadyk ýaş alajagaplaňlaryň daşyna geçýärler we olar agaçlaryň ýogyn sütünleriniň üstüne çykyp, zordan başlaryny gutarýarlar. Bir gezek möjekleriň sürüsiniň hüjümine uçran ýaş alajagaplaň elektrik togunyň geçýän sütünine dyrmaşyp çykmaga mejbur bolupdyr. Şeýlelikde, ýerdäki aldym-berdimli dalaşykda öl-myžžyk göwresi kuwwatlylygy ýokary toguň bir-birine galtaşmagyna we onuň helak bolmagyna getiripdir. Adamlar bu elektrik togunyň sütüniniň daş-töwereginde möjekleriň torç bolan yzlaryny görüpdirler.

Tebigatyň jankörleri Stanislaw Fateýew özüniň köp ýyllyk tejribesine daýanyp, gyş aýlarynda, haçanda, dag pişikleriniň yzyny garyň üstünde mese-mälim görmek mümkin bolanda olaryň ýaşaýan ýerlerini, haýsy tarapa köp gatnaýandyklaryny anyklamagyň aňsatdygyny gürrüň berýär. Başgaça aýdylanda, olaryň iň köp jemlenýän ýerini, mesgen tutýan künjegini aýak yzlarynyň hereketinden kesgitlemek mümkindir. Şeýlelikde, hut gyş aýlarynda dag pişikleriniň mesgeni hökmünde bellenen jülgede olaryň suratyny almak bize başartdy. Men fotoapparatyň nazaryna ilen bu owadan hem-de berdaşly haýwanlary gören her bir adamyň dogduk diýarymyzyň tebigat dünýäsiniň gözelligine has ünsli garajakdygyna doly ynanýaryn. Çünki türkmen topragynda juda seýrek duş gelýän bu haýwanlary gorap saklamak, watanymyzyň gözelligini artdyrmagyň aýdyň nusgasydyr. ●



вынужден был взобраться на опору высоковольтной линии, где погиб, перемкнув своим мокрым телом провода высокого напряжения. На месте его гибели обнаружили только волчьи следы.

– За многие годы наблюдений , особенно в зимнее время, когда хорошо видны следы зверя на снегу, можно с большой точностью определить маршруты его передвижения и определить перекрестие ареалов обитания особей. Другими словами – найти самое посещаемое леопардами место, где зверь, как правило, любит часто бывать и оставляет большое число так называемых поскребок, –поясняет природовед. – Именно в таком месте и была установлена фотокамера, позволившая заснять большую семью леопардов, по –хозяйски расположившихся вокруг приманки. Я уверен, что, увидев этих красивых и гордых животных, попавших в объектив камеры, каждый человек будет с еще большим вниманием относиться к природе родного края, обязательно ценить и беречь этих прекрасных, но таких редких животных.

Подготовил Владимир Комаров.
Фото Станислава Фатеева. ●

THE ANCIENT CITY OF TROY

Troy, with its 4,000 years of history, is one of the most famous archaeological sites in the world. Located on the lower slopes of Mount Ida in Turkey it attracts travellers from around the globe

Close by Mount Ida was the site of the infamous beauty contest, the three beauties being Hera, Athena and Aphrodite. The judge was Paris, a Trojan Prince, who is said to have chosen Aphrodite as she had promised Paris the love of Helen of Sparta, wife of the King. Paris abducted Helen and took her to Troy, which sparked enmity between the Trojans and Achaeans from across the Aegean Sea. Having been unable to break into the defensive walls of the city, Achaeans decided to set up a trick—they offered a huge wooden horse as a gift to Trojans as an apology for the trouble they caused with their war galleys on the city's beach. Trojans accepted the offer sincerely, but this resulted in them losing their city, as the horse was full of Achaean soldiers ready for combat, and they were now right in the centre of the city.

The story about the Trojan War is known around the world and has been immortalised by some of the greatest names in literature, the most famous of which is Homer's the 'Iliad'. It has become one of the most epic tales of our time and for many years people believed that it was a city only mentioned in tales. But did the city of Troy exist and did this iconic battle, sprung from the famous wooden horse, actually take place?

In 1870, archaeologist Heinrich Schliemann followed the geographical clues in the 'Iliad' and began excavating north west Turkey. Schliemann was convinced he had found the legendary city of Troy and excavated a hill called Hisarlick, in Anatolia, on Turkey's coast. Schliemann discovered huge city walls and evidence of a city destroyed by fire. The first excavations at the site uncovered extensive remains which are the most significant demonstration of the first contact between the civilizations of Anatolia and the Mediterranean world. Troy is known to have nine archaeological layers and, to date, house foundations, theatres, a sewage system indicating quite advanced technology, public bath houses, and various artefacts have been found in the different layers. Troy II and Troy VI in particular are characteristic examples



Above: *The Trojan Horse at the City of Troy, Turkey.* **Yokarda:** *Troya şaherindaki Troya Aty, Türkiye.* **Выше:** *Троянский конь в г. Трое, Турция.*



• **Above:** *Ancient stone with carvings found in the city of Troy, Turkey.* • **Yokarda:** *Troýadan tapylan jähekleneń gadymy daş, Türkiýe.* • **Выше:** *Древний камень с надписью, найденный в г.Троя, Турция.*



• **Above:** *The seventh century Sanctuary of the ancient city of Troy (700BC - 1BC) with ruins of twelve cities built on top of each other (Troy I to Troy XII), in Anatolia, Turkey.* • **Yokarda:** *Anadolydaky baýyrlykda gurlan on iki şäheriň (Troýa I-den Troýa XII-ä çenli) harabaçylyklary we gadymy Troýadaky yedinji asyryň mukaddes seždegähi (bizin eýýamymyzdan ozalky 700-nji ýyl, bizin eýýamymyzdan ozalky I asyr), Türkiýe.* • **Выше:** *Святилище седьмого века в древней Трое (700 г. до н.э.– 1 в. до н.э.) с руинами двенадцати городов, построенных на холмах (Троя I до Трои XII), в Анатолии, Турция.*

© RYAPALAPUREVA

of the ancient city, with a majestic fortified citadel enclosing palaces and administrative buildings, surrounded by an extensive lower town. King Priam's Treasure was also found by Schliemann during those early excavations.

History of Troy

There are nine major periods of ancient Troy which are labeled I to IX. Troy I has been dated back to 3000 BCE and corresponds roughly to the Early Bronze Age (c. 3000 to 1900 BCE). The citadel of Troy was small, no more than 90 metres in diameter, and was enclosed by a massive wall with gateways and flanking towers. Troy II was twice as large and had higher, sloping stone walls protecting an acropolis on which stood the king's palace and other princely residences. This city came to an end through fire, and was mistakenly identified by archaeologist Heinrich Schliemann as Homer's Troy. A trove of gold jewellery and ornaments, as well as silver, copper, bronze, and ceramic vessels were also found in the burned debris of the city and was dubbed by Schliemann as "Priam's treasure." The burning of Troy II seems



• **Right:** *A stamp printed in Germany shows Heinrich Schliemann, Businessman and Archaeologist, Archaeological Excavator of Troy, circa 1990.* • **Sagdan:** *Taýmynan, 1990-njy ýylda Gresiýada çap edilen marka, onda Troýada gazuw-agtaryş işlerini geçiren, telekeçi hem-de arheolog Genrih Şlimanyň keşbi şekillendirilipdir.* • **Справа:** *Марка, напечатанная в Германии примерно в 1990 г., с изображением Генриха Шлимана, бизнесмена и археолога, проводившего раскопки в Трое.*

© Bureau

Gadymy şäher Troýa

4000 ýyllyk taryhy bolan Troýa şäheri dünýäniň arheologiki ýadygärliklere iň baý künjegidir. Ol Türkiýedäki Ida daglarynyň gözel baýyrlarynda ýerleşýär we jahanyň dürli sebitlerinde ýaşaýan syýahatçylaryň ünsüni elmydama özüne çekýär.

Rowaýatda aýdylyşyna görä, hut şol meşhur Ida dagynyň eteginde üç sany owadan aýal hudaýy – Gera, Afina we Afrodita kimiň has görmegeýdigi hakynda öz aralarynda jedelleşipdirler. Troýanyň patyşasy Paris hem bu jedele gatnaşyp, olaryň arasyndaky dawany çözüji kazynyň ornunda çykyş edipdir. Gadymy döwürlerden bäri ýaýran gürrüňlerde Paris şol jedelde iň owadan aýal hudaýy diýip Afroditany yglan edýär. Elbetde, munuň özüne ýeterlik sebäbi bolupdyr, çünki Afrodita oňa Menelaý patyşanyň aýaly gözel Yelenanyň söýgüsini gazanmaga kömek etjekdigini söz beripdir. Paris gözel Yelenany alyp gaçýar we ony Troýa getirýär. Parisiň bu etmişi Troýanyň ilaty bilen Egeý deňziniň beýleki kenarynda ýaşaýan aheýlileriň arasynday ganly çaknyşyga getirýär. Aheýliler ençeme sapar hüjüm edip, şäheriň örän berk gurlan galasyny alyp bilmänsoňlar, ahyrsoňy mekirlige ýüz urýarlar. Olar agaçdan äpet uly at ýasaýarlar we şähere eden çozuşlaryndan ýeten zyýanyň öwezini dolýan şekilde ony troýalylara sowgat bermegi makul bilýärler. Aheýliler agaç aty galanyň daşky derwezesiniň öňünde goýýarlar hem-de öz ýurtlaryna gaýtdylar diýdirmek üçin şäherden yza çekilýärler. Troýalylar bu sowgady alyp, galanyň içine salýarlar we olaryň bu ynanjaňlygy şäheriň elden giderilmegine sebäp bolýar. Çünki şol agaç atyň içinde gizlenen, mäkäm ýaraglanan aheýli esgerler Troýanyň ilaty bilen gazaply söweşe girýärler.

Troýa urşunyň taryhy dünýäniň ähli ýerinde giňden ýaýrandyr. Ýer ýüzüniň ady belli şahyrlary otuz ýyla çeken bu uruş hakda ölmez-ýitmez eserleriň ençemesini döretdiler. Şolaryň arasynda iň meşhurlarynyň biri hem Gomerdir. Onuň «Iliada» poemasy biziň döwrümizde-de öz beýik gymmatyny gaçyrmaýan eserleriň hataryna girdi, köp ýyllaryň dowamynda adamlaryň aň-düşünjesinde Troýa diňe rowaýatda ady agzalýan şäher hökmünde tanaldy. Ýöne Troýa hakykatdanamam boldumyka? Bu ýerde otuz ýyllap dowam eden gan dökülişikli urşuň ýa-da ertekä çalymdaş şol äpet agaç atyň, aslynda, çyndygyny ýa-da ýalandygyny anyklamak mümkinmiká beri?

1870-nji ýylda arheolog Genrih Şliman Gomeriň «Iliada» poemasynda görkezilýän geografiki atlardan ugur alyp, Türkiýäniň demirgazyk-günbatar sebitlerinde gazuw--agtaryş işlerine girişýär. Şliman ady

Древний город Троя

Троя, с ее историей, насчитывающей 4000 лет, — одно из самых знаменитых археологических мест в мире. Расположенная на склонах горы Ида в Турции, она привлекает путешественников со всего мира

У горы Ида три красавицы-богини – Гера, Афина и Афродита – оспаривали, кто из них прекраснее. Судьей был Парис, сын царя Трои, который, как гласит легенда, выбрал Афродиту, т.к. она обещала ему любовь Елены Спартанской, – жены царя Менелая. Парис похитил Елену и привез ее в Трою, что привело к вражде между троянцами и ахейцами, живущими на другой стороне Эгейского моря. Ахейцы не смогли разрушить хорошо укрепленные защитные стены города и решились на хитрость. Они преподнесли жителям Трои огромного деревянного коня в качестве дара за ущерб, причиненный их пребыванием у стен города. Троянцы приняли подарок, но это привело к потере ими своего города, т.к. внутри коня находились ахейские воины, готовые сражаться, и они теперь оказались в центре города.

История о Троянской войне известна всему миру. Она была увековечена величайшими поэтами, самым знаменитым из которых был Гомер. Его «Илиада» стала одной из самых известных эпических поэм нашего времени, и в течение многих лет люди верили, что действительно был такой город, упоминаемый в легенде. Но существовала ли Троя, происходила ли на самом деле та битва, и был ли знаменитый троянский конь?

В 1870 г. немецкий археолог Генрих Шлиман, следуя географическим ориентирам в «Илиаде», начал раскопки на северо-западе Турции. Шлиман был убежден, что нашел легендарный город Трою и вел раскопки на холме Гиссарлык в Анатолии на побережье Турции. Здесь он обнаружил громадные городские стены и свидетельства того, что город был разрушен пожаром. На месте раскопок было обнаружено большое количество предметов, свидетельствующих о первых контактах между цивилизациями Анатолии и Средиземноморья. Известно, что на месте Трои существует девять археологических слоев. До настоящего времени в различных пластах находили фундаменты зданий, театров, общественных бань, канализационную систему, подтверждающую использование довольно передовой технологии, и разные артефакты. В Трое II и Трое VI имеются



Above: *Ancient walls of legendary city of Troy in Turkey.* **Yokarda:** *Türkiýedäki meşhur Troýanyň gadymy diwarlary.* **Выше:** *Древние стены легендарного г. Троя в Турции.*

Above: *Vintage plan of excavations at Troy by Schliemann and Dorpfeld, drawing from 1906 - Picture from Meyers Lexican books collection (written in German language) published in 1908, Germany.* **Yokarda:** *Şlimanyň we Dorpfeldiň gadymy Troýada geçiren gazuw-agtaryş işleriniň käne meýilnamasy, 1906-njy ýyl. Bu surat 1908-nji ýylda Germaniýada çap edilen «Meyersiexicon» (nemes dilinde ýazylan) atly ýygyndydan alyndy.* **Выше:** *Старый план раскопок в Трое археологов Шлимана и Дорпфельда 1906 г. – Фотография из сборника «Meyers Lexicon» (написанного на немецком языке), опубликованного в 1908 г., Германия.*

to have been followed by an economic decline; each of the citadels of Troy III, IV, and V was fortified and somewhat larger than its predecessor, but the houses inside the walls were much smaller and more closely packed than in Troy II.

Throughout the Middle and Late Bronze Age the city continued to develop and Troy VI and VII are attributed to this time, between 1900 to 1100 BCE. The city was further enlarged and limestone walls that were four and a half metres thick at the base, and rose to a height of more than five metres tall, were erected. The citadel also increased considerably in size and great houses were laid out on ascending, concentric terraces.

In 1350 BCE an earthquake seriously damaged Troy VI, causing defensive walls and houses to collapse. The survivors of the earthquake quickly rebuilt the town giving rise to Troy VIIa. However, Troy V11a lasted little more than a generation. The town was destroyed in a devastating fire, and remnants of human bones found in some houses and streets strengthen the impression that the town was captured, looted, and burnt by enemies. This destruction of the city can be dated between 1260 and 1240 BCE and was, in all likelihood, the capital of King Priam described in Homer's Iliad, which was destroyed by

rowaýada öwrülen Troýany tapjakdygyna örän ynanypdyr we Türkiýäniň kenarýaka şäherleri Anadolynyň golaýyndaky Gissarlyk baýrynda ýadawsyz gazuw-agtaryş işlerini geçiripdir. Bu taryhy öwreniji alym ägirt uly galanyň diwarlarynyň we şäheriň hakykatdan hem ýangynyň netijesinde weýran bolandygynyň subutnamalarynyň üstünden barýar. Ilkinji gezekde geçirilen agtaryş işleri wagtynda Anadoly we Ortaýer deňziniň kenarýakalarynyň gadymy medeniýetleriniň arasynda dörän irki gatnaşyklary tassyklaýan taryhy subutnamalaryň ençemesi tapylýar. Troýanyň ýerleşýän baýrynda dokuz sany arheologik gatlagyň bardygy anyklanýar. Häzirki wagta çenli geçirilen barlaglaryň netijesinde şol gatlaklarda binalaryň, teatrlaryň, jemgyýetçilik hammamlarynyň binýatlarynyň, öz döwrüne görä diýseň öňdebaryjy tehnologiýa eýerilip gurlan lagym ulgamynyň we birnäçe ymaratlaryň diwarlarynyň üsti açyldy. Troýa II-de we Troýa VI-da gadymy şähere mahsus tapyndylar ýüze çykarylды we olar örän berk gurlan gala diwarlaryndan, köşklerden we dolandyryş binalaryndan ybaratdyr. Priam patyşanyň genji-hazynlary hem Şlimmanyň geçiren ilkinji gazuw-agtaryş işleri wagtynda ele salyndy.

Troýanyň taryhy

Gadymy Troýanyň taryhy, esasan, dokuz döwre bölünýär we ol I-den IX-a çenli sanlar bilen bellenýär. Troýa I biziň eýýamymyzdan ozalky 3000-nji ýyldan başlanýar we ol irki bürünç asyra degişlidir (takmynan biziň eýýamymyzdan ozalky 3000-nji ýyldan 1900-njy ýyla çenli). Şol döwürlerde Troýa şäheri diametri 90 metrden uly bolmadak galanyň içinde ýerleşipdir, onuň daşyna galyň diwar çekilipdir, diwarlaryň girilýän we çykylýan derwezeleri hem-de dört tarapynda beýik diňleri bolupdyr. Troýa II tutýan meýdany boýunça öňküden iki esse diýen ýaly uludyr, duşmanlaryň çozuşyndan goranmak üçin onuň daşky diwary dag daşlaryndan örülipdir. Galanyň merkezindäki belentlikde patyşanyň köşgi we ýokary gatlagyň wekilleriniň ýaşaýan jaýlary salnypdyr. Bu şäher güýçli ýangyn sebäpli weýrançylyga uçrapdyr we şol sebäpden Şliman tarapyndan Gomeriň poemasynda beýan edilen Troýa hökmünde

предметы, особенно характерные для древнего города – великолепно укрепленной крепости с дворцами и административными зданиями, окруженной лежащим внизу городом. Сокровищница царя Приама также была найдена Шлиманом во время первых раскопок.

История Трои

Существуют девять основных периодов древней Трои, которые обозначаются цифрами от I до IX. Троя I датируется 3000 г. до нашей эры и относится к раннему Бронзовому Веку (приблизительно с 3000. до 1900 г. до н.э.). Крепость Троя представляла собой небольшую территорию, не более 90 метров в диаметре, и была окружена массивной стеной с воротами и башнями на флангах. Троя II была в два раза больше, и имела более высокие отвесные каменные стены, защищавшие акрополь, на котором стоял царский дворец и дома знати. Город прекратил свое существование из-за пожара, и по ошибке был принят Шлиманом за Трою Гомера. Такие предметы, как ювелирные и декоративные украшения, а также серебряные, медные и керамические сосуды, были найдены среди сожженных развалин в городе и названы Шлиманом «сокровища Приама». За сожжением Трои II последовал экономический спад; каждая из крепостей Трои III, IV иV была лучше укреплена и по размерам больше предыдущих, но дома за стенами были намного меньше и расположены плотнее друг к другу, чем в Трое II.

В течение среднего и позднего Бронзового века город продолжал развиваться; к этому периоду относятся Троя VI и VII – между 1900 и 1100 гг. до н.э. Город расширялся; городские стены у основания были выложены известняковыми плитами толщиной четыре с половиной метра и высотой более пяти метров. Крепость также значительно увеличилась в размере, величественные здания возводились на восходящих концентрическими кругами улицах.

В 1350 г. до н.э. землетрясение нанесло серьезный урон Трое VI, вызвав разрушение защитных стен и домов.

the Greek armies of Agamemnon. What is known of the economic and political history of the Aegean region in this period suggests that the real cause of the Trojan War was intense commercial rivalry between Troy and the mercantile Mycenaean kingdom, the prize being control of the Dardanelles and the lucrative trade with the Black Sea.

The partly rebuilt Troy VII shows evidence that there were new settlers in the area with a lower level of material culture and who vanished altogether by 1100 BCE. For around the next four centuries the site was virtually abandoned until 700 BCE when Greek settlers began to occupy the Troad. Troy was reoccupied and given the Hellenized name of Ilion; this Greek settlement is known as Troy VIII. The Romans sacked Ilion in 85 BCE during the Mithridatic War, but it was partially restored by the Roman general Sulla that same year. This Romanized town, known as Troy IX, received fine public buildings from the emperor Augustus and his immediate successors, who traced their ancestry back to the Trojan Aeneas. Later, the Roman emperor Constantine I (306-337), favouring the Bosporus Straits for international crossings instead of the Dardanelles, founded a new capital for his empire, Constantinople, on the banks of Bosporus. As Constantinople flourished its geographical rival, Troy, declined.

Contemporary History

Once a harbour city on the edge of a deep bay of Dardanelles, the site of Troy now lies five kilometres inland from the coast due to silt and gravel carried by the River Scamander (modern Karamenderes), which filled the bay turning it into the fertile farmland stretching out to the sea.

In this area a large mound, known locally as Hisarlık, had long been thought to hold the ruins of a city named Ilion and in 1822 it was suggested by Charles Maclaren to be the site of Homeric Troy. For 50 years Maclaren's suggestion received little attention from Classical scholars until German archaeologist Heinrich Schliemann, following the words of Homer and Maclaren's observations, discovered the ancient settlement. In seven major and two minor campaigns, between 1870 and 1890, Schliemann conducted excavations on a large scale mainly in the central area of the Hisarlık mound, where

kabul edilipdir. Şäheriň ýanyp kül bolan harabalygyndan tapylan zergärçilik we hünärmentçilik bezeg esbaplaryny we beýleki senetkärçilik harytlaryny, şeýle-de galaýdan, misden we toýundan ýasalan gap-gaçlary Şliman ýalňyşlyk bilen «Priamyň genji-hazynlary» hasaplapdyr. Troýa II-niň ýangynçylygyndan soňra bu künjekde ykdysady çökgünlik başlanýar. Troýa III – IV-niň we V-niň şäher galalarynyň her biri, öňkülere garańda, has berk we has ýaýbaň gurlupdyr, ýöne Troýa II bilen deňeşdirilende olardaky ýaşaýyş jaýlarynyň göwrümi kiçidir hem-de bir-birine diýseň ýanaşyk ýerleşendir.

Orta we giçki birünç asyryň dowamynda şäher özüniň ösüşini yzygiderli dowam edipdir. Troýa VI –VII bu döwre degişli bolup, ol biziň eýýamymyzdan ozalky 1900-nji we 1100-nji ýyllary öz içine alýar. Şäher diýseň giňelýär; galanyň gorag diwarynyň binýady dört ýarym metr galyňlykdaky hek daşyndan tutulýar, onuň beýikligi bolsa bäş metrden hem ýokary geçýär. Şäheriň meýdany öňküsinden ep-esli giňäp, dumly-duşuna ýaýraýar, onuň belent ymaratlary we binalary, esasan, merkezi köçelerde jemlenipdir.

Biziň eýýamymyzdan ozalky 1350-nji ýylda bolup geçen güýçli ýer titremesi Troýa VI-a uly zyýan ýetirýär, şäheriň daşky gorag diwarlary, ilatyň ýaşaýyş jaýlary ýumrulyp weýran bolýar. Tebigy heläkçilikden diri galanlar şäheri gysga wagtyň içinde täzeden dikeldýärler. Şeýlelikde, Troýa VII şäheri döreýär. Ýöne, Troýa VII şäheri örän az wagtlyk, bir nesliň ýaşan ömrüne barabar dowam edýär. Şäher heläkçilikli ýangyndan bütinleý küle öwrülýär. Onuň käbir künjegindäki ýaşaýyş jaýlaryndan tapylan adam süňkleri şäheriň basyp alnandygyna, talanandygyna we duşmanlar tarapyndan ýakylandygyna şaýatlyk edýär. Bu weýrançylyk biziň eýýamymyzdan ozalky 1260-njy we 1240-njy ýyllaryň aralygynda bolupdyr diýip çaklamak mümkindir. Ähtimal, bu şäher hut Gomeriň «Iliadasynda» beýan edilen Priam patyşanyň paýtagty bolsa gerek? Ol serkerde Agamemnonyň ýolbaşçylygynda grekleriň goşuny tarapyndan kül-peýekun edilýär. Egeý deňziniň kenarýaka sebitleriniň şol döwürdäki ykdysady we syýasy taryhyndaky mälim bolan maglumatlara ser salsaň, onda Troýa urşunyň esasy sebäbiniň sowda bäsdeşligi bolandygyny çaklamak kyn däldir. Çünki ýerli ilat bilen Miken patyşalygynyň arasyndaky basdaşlyk şol wagtlar ýetjek derejesine ýetipdir. Bu gandöküşikli urşuň soňunda kim ýeňiş gazansa, şol hem Dardanell bogazyna we Gara deňziň kenaryndaky ýurtlar bilen amala aşyrylýan sowdanyň girdejisine eýe çykypdyr.

Troýa VII şäheriniň bölek-böçek dikeldilen çäklerine täze bir ilatyň göçüp gelenligine şaýatlyk edýän maglumatlar bar, ýöne maddy-durmuş şertleriniň derejesi örän pese gaçansoň, olaryň ählisi biziň eýýamymyzdan ozalky 1110-njy ýyla çenli bu şäheri taşlap çar tarapa siňip gidipdirler. Şeýlelikde, mundan soňky dört asyryň dowamynda bu ýerlerde janly-jemende ýaşamandyr, has takygy biziň eýýamymyzdan ozalky 700-nji ýyllara çenli şeýle gözgyny ýagdaý dowam edipdir. Diňe ýokarda görkezilen ýyllardan soňra grekler bu ýerlerde mesgen tutup başlapdyrlar. Troýa ýene-de basylyp alnypdyr we ellin medeniýetiniň esasynda oňa Ilion diýen at dakylypdyr. Bu grek ilatly şäher taryhda Troýa VIII hökmünde bellidir. Biziň eýýamymyzdan ozalky 85-nji ýylda Mitridat patyşa bilen bolan söweşde rimliler Ilionyň üstüne dökülip, ony başbitin talaýarlar. Hut şol ýylyň özünde Rim generaly Sullanyň ýolbaşçylygynda şäheriň belli bir bölegi gaýtadan dikeldilýär. Rimlileriň gelmegi bilen ellin medeniýeti ornaşan şäher eýýäm Troýa IX hökmünde giňden tanalýar. Bu ýerde Troýanyň gahrymany Eneýiň neberesinden gaýdýan Awgust patyşanyň we onuň soňky mirasdüşerleriniň buýrugynyň esasynda ajaýyp jemgyýetçilik binalary gurulýar. Birneme soňrak Rim imperatory Konstantin I (306-337-nji ýyllar) Bosfor hem-de Dardanell bogazlarynyň üsti bilen halkara sowda gatnaşygyny ýola goýup, Bosforyň kenarynda öz imperiýasynyň täze paýtagty – Konstantinopolyň düýbüni tutýar. Konstantinopolyň gülläp ösýän ýyllary onuň geografiki bäsdeşi – Troýa güýçden gaçýar.

Şäheriň häzirkizaman taryhy

Geçmişde Troýa diýlip atlandyrylýan ýer, bir wagtlar Dardanell bogazynyň aýlagyndaky ýalpaklygyň kenaryndaky iň ähmiýetli deňiz duralgasy hasaplanýardy. Şol aýlag häzir

Below: *Statue of Achilles dying, shot in the foot with an arrow, from the legendary story of Troy. Located in the gardens of the Achillion Palace, Corfu, Greece.* • **Aşakda:** *Rowaýatdaky Troýada peýkamyň oky bilen ökjesinden ýaralanan Ahilliň ölüm pälesindäki heýkeli. Bu heýkel Gresiýanyň Korfu şäherindäki Ahillion köşgüniň seýilgähinde oturdylypdyr.* • **Ниже:** *Статуя умирающего Ахилла, убитого стрелой в пятку, в легендарной Трое. Статуя находится в садах Ахиллеона, остров Корфу, Греция.*



© V. J. Matthew

Те, кто выжили после землетрясения, быстро отстроили город заново и создали Трою VII. Однако, Троя VII просуществовала только одно поколение. Город был полностью уничтожен разрушительным пожаром. Обнаруженные останки человеческих костей, найденные в некоторых домах и на улицах, усиливают впечатление, что город был захвачен, разграблен и сожжен врагами. Разрушение Трои VII может датироваться периодом между 1260 и 1240 гг. до н.э. По всей вероятности, этот город и был столицей царя Приама, описанный Гомером в поэме «Илиада», и превращённый в развалины армией греков под предводительством Агамемнона. То, что известно об этом периоде экономической и политической истории региона Эгейского моря, предполагает, что реальной причиной Троянской войны было значительное торговое соперничество между Троей и Микенским царством. Призом в этой войне должен был стать контроль над Дарданеллами и прибыльная торговля со странами Черноморского побережья.

Имеются свидетельства того, что на территории частично восстановленной ТроиVII появились новые поселенцы с более низким уровнем материальной культуры, и которые все исчезли к 1100 г. до н.э. В последующие четыре века это место было фактически заброшено до 700 г. до н.э., когда Трою начали заселять греки. Троя была вновь оккупирована и получила эллинистическое название Илион; это



Below: *The ruins of the legendary ancient city of Troy, Turkey.* • **Aşakda:** *Türkiýedäki meşhur Troýanyň gadymy harabalyklary* • **Ниже:** *Древние руины легендарного г. Троя в Турции.*



• Below: *View of the Roman Amphitheatre of the ancient city of Troy (3000BC - 1BC) in Anatolia, Turkey.* **• Aşakda:** *Anadolynyň baýyrlygyndaky gadymy Troýadaky Rim amfiteatrynyň görnüşi (biziň eýýamymyzdan özalky 700-nji ýyl, biziň eýýamymyzdan özalky I asyr), Türkiýe.* **• Ниже:** *Вид Римского амфитеатра в древнем г.Троя (3000 г. до н.э.– 1 в. н.э.) в Анатолии, Турция.*

© Brian Maudsley

he exposed the remains of a walled citadel. Schliemann's excavations were continued by his colleague Wilhelm Dörpfeld after Schliemann's death in 1890. Later, between 1932 and 1938, an expedition from the University of Cincinnati also worked on the site and after a lapse of some 50 years, excavations resumed under archaeologist Manfred Korfmann from the University of Tübingen between 1988 and 2005.

Excavations spanning over a century have revealed 23 sections of the defensive walls around the citadel, eleven gates, a paved stone ramp, and the lower portions of five defensive bastions. These ancient remains, in the main, date back to the time of Troy II and VI; however, a section of wall from Troy I was also discovered near the south gates. The great residential complex of Troy II was also discovered and consists of five parallel long buildings with porches, the largest of which is considered to represent the prototype of the Greek temple. The remains of a number of long rectangular houses from Troy II are to be seen at the bottom of one of the most striking features of the site, the so-called Schliemann Trench, dug by the famous 19th-century excavator in search of the 'Citadel of Priam'.

Although almost a century and a half passed since the days of Schliemann, Troy has not yet been unearthed completely and the excavation works still continue to this day. An international team of German and American archaeologists continue to bring the Troy of the Bronze Age back to life under a sponsored project by Daimler – Benz.

Skamander (häzirki ady Garamenderes) derýasynyň suwunyň alyp gelýän gyrmançasyndan ýa-da çagylly çökündilerden ýaňa doly gömlüpdir we kenaryndan bäş kilometrlik daşlaşypdyr. Bu özgerişligiň netijesinde emele gelen gury ýer zolagy bol hasyl eçilýän bereketli topraga öwrülipdir.

Häzir Gissarlyk diýlip atlandyrylýan uly baýyrlygyň çägi uzak asyrlaryň dowamynda Ilion atly gadymy şäheriň harabaçylygy diýlip hasaplanyp gelnipdir. 1842-nji ýylda Çarlz Maklaren hut şu harabaçylygyň Gomeriň poemasyndaky gürrüňi edilýän Troýa şäheridigi hakyndaky çaklamany öňe sürýär. Nemes arheology Genrih Şliman Gomeriň eserini we Maklareniň öňe süren pikirini ilik-düwme öwrenip, gadymy şäheriň harabalygynyň üstüni açýança, nusgawy edebiýat boýunça hünärmenler elli ýyllap Çarlz Maklareniň bu çaklamasyna üns bermän geldiler. Genrih Şliman 1870-1890-njy ýyllar aralygynda jemi dokuz gezek ýlmy-barlag işsaparyny gurady we, esasan, Gissarlyk baýyrlygynyň merkezi böleginde gadymy gorag galasynyň ýitip giden diwarynyň üstüni açdy. 1890-njy ýylda Şliman aradan çykansoň, onuň kärdeşi Wilgelm Dorpfeld gazuw-agtaryş işlerini dowam etdirdi. Has soňky döwürlerde, ýagny 1932-1938-nji ýyllarda Sinsinnati şäheriniň uniwersitetiniň alymlary hem bu ýerde öz ylmy-barlaglaryny amala aşyrdylar. Elli ýyldan soňra, has takygy 1988 – 2005-nji ýyllarda Tubingen uniwersitetiniň alymy Manfred Korfmannyň ýolbaşçylygynda gazuw-agtaryş işlerine täzeden gaýdylyp gelindi.

Bir ýarym asyra çeken gazuw-agtaryş işlerinde gadymy şäheriň daş-töwereginde gorag galasynyň 23 zolagynyň, on bir sany derwezäniň, daş düşelen şäher meýdançasynyň we bäş sany gorganyň – galanyň burçlarynda bäşburçluk görnüşde salnan berkitmäniň üsti açyldy. Bu gadymy harabalyklar, esasan, Troýa II we Troýa VI şäherleriniň gülläp ösen döwürlerine degişlidir. Bulardan başga-da, günorta derwezeleriň golaýynda Troýa I şäherine degişli galanyň diwarynyň biný ady, şeýle-de Troýa II-niň uly ýaşaýyş jaý toplumynyň zolagy tapyldy; ol bäş hatardan düzülen, sütünlerine germew goýlup, üsti ýapylan uzyn ymaratlardan ybaratdyr. Bu desgalaryň içinde iň ulusy grek ybadathanalarynyň nusgasyny gaýtalaýar diýlip hasaplanýar. Troýa II-niň uzyn gönüburçly ýaşaýyş jaýlarynyň hatarlarynyň sudury Şlimanyň garymy diýlip atlandyrylýan zolagyň iň çuň ýerinde has mese-mälim görünýär. Şlimanyň garymy XIX asyrda «Priamyň galasynyň» gözlegine çykylan wagtda ekskowatoryň kömegi bilen gazylypdyr.

Şlimanyň döwründen bäri bir ýarym asyr geçse-de, henize çenli Troýada doly gazuw-agtaryş işleri geçirilenok. Arheologiki barlaglar häzirki günlerde-de dowam edýär. Nemes we amerikan arheologlarynyň halkara topary Daýmler-Bens kompaniýasynyň howandarlygynda alnyp barylýan taslamanyň çäklerinde bürünç asyrdaky Troýa şäheriniň durmuşyny dikeltmegiň üstünde üstünlikli işleýär.

греческое поселение известно как Троя VIII. Римляне разграбили Илион в 85 г. до н.э. во время войны с Митридатом, но город был частично восстановлен римским генералом Суллой в тот же год. Этот романизированный город, известный как Троя IX, получил прекрасные общественные здания от императора Августа и его последующих преемников, которые вели свой род от троянского героя Энея. Позже римский император Константин I (306-337 гг.), содействуя развитию международных перекрестных путей через Босфорский пролив вместо Дарданелл, основал на берегу Босфора новую столицу своей империи – Константинополь. В то время как Константинополь процветал, его географический соперник Троя приходила в упадок.

Современная история

Когда-то портовый город на краю бухты у залива Дарданеллы, в прошлом называемый Троя, в настоящее время простирается вглубь страны, отступая от побережья на пять километров. Теперь на этой территории раскинулись плодородные земли, образованные илом и гравием, перенесённых сюда рекой Скамандер (современное название Карамендерес).

Долгое время считалось, что на этой территории внутри большого кургана, известного ныне как Гиссарлык, сохранились развалины города под названием Илион. В 1822 г. Чарльз Макларен предположил, что именно здесь и располагалась Гомеровская Троя. В течение 50 лет специалисты по классической филологии не обращали внимания на предположение Макларена, пока археолог Генрих Шлиман, исследовав текст Гомера и наблюдения Макларена, не обнаружил древнее поселение. Во время семи главных и двух небольших кампаний, между 1870 и 1890 гг., Шлиман провел раскопки, главным образом, в центральной части кургана Гиссарлык, где и выявил остатки крепостной стены. После смерти Шлимана в 1980 г. археологические работы продолжил его коллега Вильгельм Дорпфельд. Позже, между 1932 и 1938 гг. экспедиция из университета г. Цинциннати также работала на этом месте. В период между 1988 и 2005 гг. раскопки были возобновлены под руководством археолога Манфреда Корфманна из университета Тубингена

Во время раскопок, продолжающихся более века, были обнаружены 23 участка оборонительных стен вокруг крепости, одиннадцать ворот, площадка с каменной брусчаткой и фрагменты пяти оборонительных бастионов. Эти древние руины относятся, главным образом, ко времени Трои II и Трои VI; однако, около южных ворот был также раскрыт участок стены периода Трои I. Найден и большой жилой комплекс Трои II, состоящий из пяти параллельных длинных зданий с портиками, самый большой из которых, как считается, представляет образец из греческого храма. Фрагменты ряда длинных прямоугольных домов Трои II видны в глубине самого поразительного места, так называемой Траншеи Шлимана, вырытой в 19 веке экскаватором во время поиска «Крепости Приама».

Хотя со времени Шлимана прошло более полутора веков, Трою еще не раскрыли до конца; раскопки продолжаются и до сегодняшнего дня. Международная группа немецких и американских археологов продолжают возвращать к жизни Трою бронзового века в рамках проекта, спонсируемого компанией Даймлер-Бенц.

Visiting the city

Getting there by bus

The nearest main town is Çanakkale, about 30 km to the north of Troy. There are minibuses that travel to and from the Çanakkale local bus station, which is located under the bridge by the river. The trip takes around 45 minutes. An up to date schedule can be found in the Tourist Information office in Çanakkale near the ferry port.

Getting there by car

The site is 2km off the Çanakkale-Izmir highway (D550/E87). Road signs (saying either Truva, Troya, Troy, or Troia, sometimes two of them on the same signpost) will direct you, starting from the ferry harbour in Çanakkale.

Exploring the ruins

The admission fee to the site is 20 TL pp (June 2014).

The path through the ruins is well marked, but quite rocky and slippery in places. Be sure to wear proper walking shoes.

Climbing up the ladders of the re-constructed Trojan horse in the entrance of the site is a part of the Troy experience not to be missed.

At the weekend the site is sometimes crowded by schoolchildren and tourists so it may be best to visit on a week day. Winter is a fantastic time to visit Troy, as there are very few tourists around.

Fans of Iliad (as well as nature lovers) will likely find nearby Mount Ida (to the southeast of Troy) interesting, where gods watched the epic fight below on the fields of Troad, as well as being where Paris picked the most beautiful one of three goddesses. Both the northern (through the town of Bayramiç) and southern (from various villages lining the northern coast of the Gulf of Edremit) approaches to the mountain are worth exploring. ●



© ARR Stupin

● **Above:** *Broken pillars at the ruins of ancient Troy, Turkey.* ● **Yokarda:** *Gadymy Troýanyň harabalyklaryndaky weýran bolan sütünler, Türkiýe.* ● **Выше:** *Разрушенные колонны на руинах древней Трои, Турция.*

Gadymy şähere guralýan syýahatlar

Awtobusly gezelençler

Troýanyň golaýyndaky uly şäher Çanakgala bolup, ol gadymy harabalygyň 30 kilometr demirgazygynda ýerleşýär. Marşrut taksileri deňýanyň köprüsiniň aşagyndaky awtomenzilden ugraýar we Troýa baryp, ýene-de yzyna gaýdýar. Troýa gezelenç etmek bary-ýogy 45 minut töweregi wagtyňy alýar. Marşrut taksileriniň gatnawynyň ýygylygy hakdaky maglumatlary Syýahatçylyk maglumatlar gullugyndan almak bolýar we ol Çanakgalanyň parom geçelgesiniň golaýynda ýerleşýär.

Ulagly gezelençler

Ulaglaryň duralgalary Çanakgala-Izmir (DSSO/E87) gara ýolunyň 2-nji kilometrinde ýerleşýär. Ýol görkezijileri (Truwa ýa-da Troýa, Troýýa, käte olaryň ikisiniň bir görkezijide ýazylýan wagtlary bolýar) Çanakgalanyň parom geçelgesiniň ýanyndaky duralgadan başlanýan gatnaw hereketleriniň ýygylygyny salgy berýär.

Gadymy ýadygärliklere aýlanyp görmek

Bir adam üçin pegiň bahasy – Türkiýäniň 20 liri (2014-nji ýylyň iýun aýynyň bahasy).

Şäher harabaçylygynyň içinden geçýän ýoluň iki tarapy oňat bellenen, ýöne ol harsaň-daşlyk, käbir ýerleri bolsa typançak. Örän amatly aýakgap geýmek hökmandyr.

Troýa atynyň gaýtadan dikeldilen ýerine barmak üçin basgançaklardan ýokary galmaly – bu Troýa syýahatyň esasy bir bölegi hasaplanýar we ony duşuňdan geçirmek bolmaz.

Dynç alyş günleri bu ýere örän köp okuwçylar we syýahatçylar ýygnanýar, şonuň üçin hem bu gadymy şähere adaty iş günlerinde barmak amatlydyr. Troýa aýlanmak üçin iň gowy döwür gyş paslydyr, çünki gyş aýlarynda bu ýerde syýahatçylar örän az bolýar.

Ida dagynyň baýyrlarynda (Troýadan günorta-gündogar tarapda) gezelenç etmek «Iliadanyň» muşdaklarynyň (şeýle hem tebigaty söýüjileriň) göwnünden tursa gerek. Ynha, hut şu belentlikden aýal hudaýlary Troýanyň etegindäki gahrymançylykly söweşe syn edýärler, hut şu ýerde Paris üç sany aýal hudaýynyň arasyndaky owadanlyk bäsleşiginiň ýeňijisini saýlaýar. Şeýle hem bu dagyň demirgazyk tarapyna (Baýramiç şäheriniň üstünden) syýahat etmegem, şonuň ýaly-da, onuň günorta (Edremit aýlagynyň kenarýakasyndan) tarapyna aýlanyp çykmagam diýseň ýatda galyjy täsirleri döredýär. ●

Посещение города

Поездка на автобусе

Ýöne şu ýylyň esasy açyşy hökmünde Türkmenistanyň Milli sport we syýahatçylyk institutynyň talyby Merdan Ataýewiň sentýabr-oktýabr aýlarynda Koreýanyň Inçhon şäherinde geçirilen XVII tomusky Aziýa oýunlarynda gazanan şowly ýeňşini bellemek hökmandyr. Uly halkara ýaryşlaryna ikinji gezek gatnaşýan 19 ýaşly ukyply türkmen türgeni 100 metr aralyga arkanlygyna ýüzmegiň deslapky synaglarynyň jemi boýunça ýurdumyzyň suwda ýüzmek sportunyň taryhynda ilkinji gezek Yklymara oýunlaryň final tapgyrynda çykyş etmäge hukuk gazandy. Mundan başga-da, Aziada – 2014-de Merdan Ataýew 50 we 100 metr aralygy arkanlygyna ýüzmekde otuz ýyla çeken milli rekordlaryň ikisini täzeledi. Indi Türkmenistanyň 50 metr aralyga arkanlygyna ýüzmek boýunça milli rekordy – 26,31 sekunda deň bolsa, şol görnüşiň 100 metr aralygynyň rekordy 56,63 sekunda barabardyr.

Merdan Ataýew özüniň ilkinji synanyşyklaryny suwdaky pökgi oýunlaryna – waterpola gatnaşmakdan başlady we ol tizara bu ugurdan öz başarnygyny görkezip, halkara básleşiklerinde Türkmenistanyň ýygyndy toparynyň derwezesini abraý bilen gorady. Ol ilkinji gezek 2012-nji ýylda suwda ýüzmekde öz güýjüni synap gördi. Şeýlelikde, şol geçen iki ýylynyň dowamynda öwrenje ýüzüjilikden Aziýa oýunlarynyň final tapgyryna çenli birnäçe şowly ýeňişleriň kynçylykly ýoluny geçdi.

Ýurdumyzyň welaýatlarynyň ählisinde ýörite suw basseýnleriniň gurulmagy netijesinde sportuň suwda ýüzmek görnüşleri özüniň yzygiderli ösüşine eýe boldy. Mary welaýatynyň wekili Atajan Annadurdyýewiň batterflýaý we erkin usulda orta aralyga ýüzmek boýunça Türkmenistanyň çempionatynda gazanýan ýeňişleri munuň aýdyň mysalydyr.

Adatça, ýapyk desgalarda geçirilýän Aziýa oýunlarynda suwda ýüzmek boýunça básleşikler kiçi howuzlarda, ýagny, 25 metr aralykda geçirilýär. Mysal üçin, geçen ýyl Koreýanyň Inçhon şäherinde Ýapyk binalardaky we söweşjeň sungatlar boýunça IV Aziýa oýunlary şeýle kiçi suw howuzlarynda geçirilipdi. Ýöne Aşgabatda geçiriljek V Aziada -2017-de türgenler özaralarynda has uly – 50 metrlik howuzda güýç synanyşarlar. Olimpiýa oýunlarynyň medallaryny almak ugrundaky ýaryşlar hem şeýle uly ölçegdäki howuzlarda geçirilýär. Munuň özi Türkmenistanda sportuň suwda ýüzmek görnüşleriniň ýokary derejede ösýändiginiň aýdyň subutnamasydyr.

Aleksandr Werşinin,Türkmenistanyň Sport žurnalistleriniň Birleşiginiň Ýerine ýetiriji komitetiniň agzasy ●

А в августе на открытом чемпионате Турции по плаванию в Стамбуле наши соотечественники завоевали 14 медалей (3 золотые, 5 серебряных и 6 бронзовых). Все эти успехи – результат плодотворной работы наставников спортсменов – заслуженного тренера Туркменистана Сергея Епифанова, а также Розы Набиулиной, Татьяны Кровяковой, Марка Пилюгина.

Но настоящим открытием года стало блестящее выступление студента Национального института спорта и туризма Мердана Атаева на прошедших в сентябре-октябре в корейском Инчхоне XVII летних Азиатских играх. По итогам предварительных заплывов на 100 метров на спине второй раз участвующий в международных соревнованиях 19-летний талантливый туркменский спортсмен впервые в истории отечественного плавания пробился в финал на континентальных Играх, где занял в итоге почетное седьмое место. Помимо этого, на Азиаде-2014 Мердан Атаев в плавании 50 и 100 метров на спине обновил продержавшиеся три десятилетия два национальных рекорда, которые теперь равны: 26,31 секунды – на 50-метровке и 56,63 – на дистанции вдвое длиннее.

Интересно, что начинал карьеру спортсмена Мердан Атаев ватерполистом – был даже вратарем сборной команды Туркменистана. Однако в 2012 году попробовал себя в плавании. И вот за два года прошел путь от новичка до финалиста Азиатских игр!

В велаятах страны благодаря повсеместному строительству плавательных бассейнов водные виды спорта получили также интенсивное развитие. Ярким тому примером стали победы марыйского спортсмена Атаджана Аннадурдыева на чемпионатах Туркменистана в плавании баттерфляем и вольным стилем на средних дистанциях.

Обычно соревнования по плаванию на Азиатских играх в закрытых помещениях проводятся на короткой воде – в 25-метровом бассейне. Так было в прошлом году на IV Азиатских играх в закрытых помещениях и по боевым искусствам в Инчхоне. На предстоящей V Азиаде-2017 в Ашхабаде мастера плавания будут состязаться на большой воде – в 50-метровом бассейне, в котором разыгрываются медали на Олимпийских играх. И это еще один добрый знак в развитии этого вида спорта в Туркменистане.

Александр Вершинин,Член Исполкома Федерации спортивных журналистов Туркменистана ●

TM CELL
"ALTYN ASYR"
ÝAPYK GÖRNÜŞLI PAÝDARLAR JEMGYÝETI

AMATLY +
HYZMATY

Gepleşigiň - 1 minuty* teňňe

*Gepleşigiň 3-nji minutyndan başlap ulgam içi çykyş jañlar- 1 teňňeden alynar. Her gije-gündizde alnýan müşderi tölegi 20 teňňe.

* Hyzmaty birikdirmek we öçürmek üçin bir manat alnýar.
* Hyzmaty birikdirmek üçin el telefonyňyzdan *0809*2*8*1# jan ediň.
* Aýyrmak üçin *0809*2*8*0#
* Barlamak üçin *0809*2*8*2#

Habarlaşmak üçin: 088, 93-20-26, 93-02-79 www.tmcell.tm



Ashgabat House of Models

The House of Models is a big part of the cultural life in Turkmenistan. Whether it's the costumes of the dance groups, the performers or the outfits of the guests, most holidays and celebrations include the House of Models in one way or another. This year, at the end of September, the House of Models took part in one of the biggest cultural events of the year- the second Viennese Ball. Naturally, the House of Models stuck to its unique and glamorous style with the presentation of a collection of gowns that carried with them the traditions and culture of Turkmenistan which, no doubt, surprised guests and other performers alike.

Located in a country that was once a part of the famous Silk Route of Asia, it is no wonder that most of the fabrics used in the collections of the House of Models are silk based. From traditional silks, to silk based velvets, to the Turkmen silk –keteni, a thin silk cord ties everything together. Add to this hand embroidery with intricate motifs and you will get pieces that leave a lasting impression wherever they are shown. The list of countries that the House of Models has visited with shows grows every year and includes such countries as Germany, the Czech Republic, Latvia, U.A.E, Turkey, Azerbaijan and Russia.



Aşgabadyň modalar öýi

Aşgabadyň modalar öýi – Türkmenistanyň köptaraply medeni durmuşyny düzýän esasy bölekleriň biridir. Ýurtdaky baýramçylyklaryň we şowhunly tomaşalaryň hemmesi diýen ýaly gönüden-göni bu Modalar öýüniň gatnaşmagynda geçýär. Baýramçylyk çärelerinde aşgabatly modelýerleriň hyzmaty ýeke bir oňa gatnaşýan aýdym-saz toparlarynyň artistleriniň ýa-da aýry-aýry ýerine ýetirijileriň egin-eşiklerini taýýarlamak bilen çäklenmeýär. Eýsem, şeýle şowhunly tomaşalary synlamaga gelýän myhmanlaryň geýimleri hem paýtagtyň modelýerleriniň elinden çykan nepis lybaslardyr. Sentýabr aýynyň aýagynda bu gürrüňi edilýän Modalar öýi şu ýylyň iň meşhur medeni wakalarynyň biri – Türkmenistanda ikinji Wena balyny geçirmeklige işeňňir gatnaşdy. Öňküleri ýaly, türkmen biçimçileri bu gezek hem özleriniň milli aýratynlygyny görkezýän bezeg stillerine eýerdiler: köpçülikleýin tansa gatnaşýan müşderiler üçin Türkmenistanyň taryhy we şu günki däplerini özünde jemleýän döwrebap egin-eşiklerini taýýarladylar. Olaryň zehininden dörän lybaslar myhmanlary diýseň geň galdyrdy we olaryň gownünden turdy.

Aşgabadyň modalar öýüniň kolleksiýalarynda peýdalanylýan matalaryň köpüsi – ýüpek matalardyr. Ýüpek matanyň köp ulanylmagy geň däldir, çünki gadym wagtlarda meşhur söwda ugry hasaplanýan Ýüpek ýoly Türkmenistanyň üstünden geçipdir. Ýönekeý ýüpek matalardan başlap, panbarhata çenli ähli ýaraşykly materiallar, şol sanda milli keteniler hem ýüpek erişlerden dokalýar. Bu matalar diýseň owadan hem-de dürli öwüşginli milli nagyşlar bilen kemsiz



Ашхабадский Дом моделей

Ашхабадский Дом моделей – это одна из составляющих сторон разноплановой культурной жизни Туркменистана. Большинство праздников и представлений в стране проходят с непременным его участием. На празднествах работа ашхабадских модельеров представлена не только костюмами участвующих в торжествах артистов ансамблей и отдельных исполнителей, но также и нарядами гостей. В конце сентября Дом моделей принял участие в одном из самых ярких культурных событий нынешнего года – проведении второго Венского бала в Туркменистане. Как и прежде, туркменские модельеры не отступили от своего уникального стиля, продемонстрировав изделия, воплотившие в себе традиции и культуру Туркменистана. Созданные ими костюмы удивили и покорили гостей.

Многие ткани, используемые в коллекциях Дома моделей, – шелковые. Это и не удивительно, учитывая, что некогда через Туркменистан пролегал Великий Шёлковый путь. От простого шелка до шелкового бархата и уникальной материи «кетени», в каждой ткани проходит шелковая нить. Добавьте к этому ручную вышивку с богатыми орнаментами, и вы получите изделия, которые производят большое впечатление за рубежом. География стран, где ашхабадский Дом моделей проводит показы своей эксклюзивной продукции, растет с каждым годом и включает такие государства, как Германия, Чехия, Латвия, Арабские Эмираты, Турция, Россия.

Дизайнеры одежды ашхабадского Дома моделей создают не только эксклюзивные наряды но и коллекции вечерних туалетов, которые демонстрируют в разных

✈ The House of Models doesn't only create exclusive pieces for important clients, and not just collections of evening gowns. Whenever a dance troupe is in need of a new and stylish costume, they go to the House of Models. After many years of work it has shown that it can create stage costumes which combine modern silhouettes, tradition and function. You don't have to look long to see the proof as the work of the House of Models can be seen at nearly every celebration. The State Dance Group, Mengli Dancing Group, Ashgabat Dancing Group, Dokmachylar Folklore, ethnographic dancing group and Nazli Dancing group, often seek out the House of Models when they need new costumes and images. Using historical sources, new costumes are created, each time different whilst still conforming to the style of the particular group.

But of course the most important role of the House of Models is fashion. Whether it's simple uniforms, stage costumes, or evening gowns, the House of Models will breathe life and style into anything. ●





bezelenson, daşary ýurtlarda uly höwes bildirilýän önümler peýda bolýar. Aşgabadyň modalar öýüniň ýörite nusga boýunça taýýarlaýan egin-eşikleriniň sergisiniň guralýan ýurtlarynyň sany ýylba-ýyldan artýar we Germaniýa, Çehiýa, Latwiýa, Birleşen Arap Emirlikleri, Türkiýe we Russiýa şol ýurtlara degişlidir.

Aşgabadyň modalar öýüniň biçimçi hünärmenleri ýörite sargyt boýunça geýimleri ✈ taýýarlamak bilen oňman, toý-tomaşalara geýlip barylýan kaşaň lybaslaryň kolleksiýasyny hem döredýärler. Bu zynatly eşikler dürli-dürli ýurtlarda görkezilýär. Köpler öz görünlerinde besleýän bezemen egin-eşiklerini taýýarlamak üçin hut şu Modalar merkezine ýüz tutýar. Çünki bu merkeziň biçimçileri indi ençeme ýyllaryň dowamynda milli tikinçilik we bezeg däplerini häzirki ýaşlaryň höwes edýän döwrebap stilleri bilen utgaşdyrmagy başarýandyklaryny subut edip gelýärler. Ýurduň halk aýdym-saz we milli tans toparlarynyň egin-eşikleri munuň aýdyň subutnamasydyr. Türkmenistanyň Döwlet tans ansambly, «Meňli» tansçylar topary, «Aşgabat» tansçylar topary, «Dokmaçylar» milli-etnografiki tans topary we «Näzli» tansçylar topary täze-täze çykyşlary üçin bu Modalar öýüniň hyzmatyndan peýdalanýarlar. Taryhy nusgalary özleşdirmek bilen häzirkizaman sahna eşikleri döredilýär. Şeýlelikde, dürli-dürli tans toparlarynyň artistleriniň milli çykyşlaryna, sahnalaryna laýyk gelýän teatr lybaslarynyň nusgalary barha köpelýär.

Ýöne, elbetde ilkinji orunda – moda durýar. Isle gündelik, isle-de teatr ýa-da dabaraly baýramçylyklaryň egin-eşikleri bolsun, tapawudy ýok, Modalar öýi hökmany suratda her bir lybasyň döwrebap moda laýyk bolmagyny gazanýar. ●





✈ странах. Когда нужно стильное решение в одежде, многие обращаются именно в Дом моделей, который за много лет показал, что может успешно совмещать современность, традиции и функциональность. Подтверждением тому – музыкальные и хореографические коллективы страны. Государственный ансамбль танца Туркменистана, танцевальный ансамбль «Менгли», танцевальная группа «Ашхабад», фольклорно-этнографический танцевальный ансамбль «Докмачылар» и танцевальный ансамбль «Нязли» нередко пользуются услугами Дома моделей при создании новых костюмов. Используя исторические образы, создаются современные, сценические комплекты, которые идеально подходят к национальным танцам разных танцевальных ансамблей и групп.

Но, конечно, на первом месте – мода. Будь то простая униформа, сценические костюмы или вечерние платья, Дом моделей непременно придаст модный характер любому наряду. ●

The 19th Anniversary of Turkmenistan Neutrality

- In the Environment of Peace and Creation

"Turkmenistan today is open to the world, open for wide international cooperation in all dimensions. Together with the United Nations our country is ready to continue working for asserting the principles of international law, ideas of humanism, justice, tolerance and mutual respect as factors specifying present-day relations between states". These words of the President of Turkmenistan Gurbanguly Berdimuhamedov, which he uttered from the UN tribune in 2007, characterise Turkmenistan's current foreign strategy in the best way.

On December 12, 1995 at the sitting of the UN General Assembly, Turkmenistan was granted the legal status of "Permanent Neutral State". Then, it's major characteristics were specified - respect for sovereignty and territorial integrity of other states, non-interference in their internal affairs, renunciation of the use of force in international relations, priority of UN decisions in international affairs, consolidation of good neighborliness and cooperation with all countries.

Turkmenistan managed to establish equal partnership relations with great international powers and main global centres of force – Russia, USA, European Union and China.

The principal and unconditional renunciation of participating in international military and military-political alliances enabled Turkmenistan to avoid being involved in any forms of regional competition. Turkmenistan's neutrality status, which stipulates a minimum level of foreign policy risks together with the richest resources potential and internal stability, predetermined a great interest in the country from top foreign companies and ensured a significant influx of foreign capital into the national economy.

There is one more important aspect of Turkmenistan's neutrality status which cannot be measured by figures. This includes a tolerant world outlook, a system of values and views on themselves, on neighboring countries and peoples, the wider world, and in Turkmen people under the impact of neutral foreign course. This is what the President of Turkmenistan Gurbanguly Berdimuhamedov meant when speaking from the UN tribune about relevance of philosophy, neutrality, responsibility, morality and humanism in international affairs.

Turkmenistan is successfully celebrating an anniversary of neutrality in the environment of peace and creation, good neighborliness, respect and mutual understanding with its friends and partners in the world community. The Turkmen state clearly sees its perspective and steadily forms development plans of the society. Such an adjusted course enables our country to move forward with enthusiasm.

Neutral, peaceful Turkmenistan will henceforth do its best for strengthening peace and tranquility on the planet and will contribute to the progress of human civilisation. ●



Türkmenistanyň Bitaraplygynyň 19 ýyllygyna: Asudalygyň we abadançylygyň rowaçlanmagy

Bu gün Türkmenistan dünýä üçin açykdyr, ähli ugurlar boýunça giň halkara hyzmatdaşlygy hem üçin açykdyr. Biziň ýurdumyz döwletleriň arasyndaky häzirkizaman gatnaşyklaryny kesgitleýji faktor hökmünde halkara hukugynyň, ynsanperwerlik ideallarynyň, adalatlylyk, tolerantlylyk, birek-birege hormat goýmak ýörelgeleriniň dabaralanmagynyň hatyrasyna mundan beýläk-de Birleşen Milletler Guramasy bilen bilelikde işlemäge taýýar». Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň 2007-nji ýylda BMG-niň beýik münberinde ýahlanan bu sözleri Türkmenistanyň häzirki daşary syýasatynyň strategiýasyny aýdyň häsiýetlendirýär.

1995-nji ýylyň 12-nji dekabrynda BMG-niň Baş Assambleýasynyň mejlisinde Türkmenistana hemişelik Bitarap döwletiň hukuk derejesi berildi. Şol mejlisde hem bitaraplygyň esasy häsiýetnamasy – beýleki ýurtlaryň özbaşdaklygyna we olaryň çäkleriniň bitewiligine hormat goýmak, olaryň içki işine goşulmazlyk, halkara gatnaşyklarynda güýç ulanmakdan ýüz öwürmek, halkara işlerinde BMG-niň kararlarynyň ileri tutulmagy, ähli ýurtlar bilen hoşniýetli goňşuçylygy we hyzmatdaşlygy berkitmek bellenildi.

Global derejede Türkmenistan beýik dünýä döwletleri we güýçleriň esasy dünýä merkezleri bolan – Russiýa, ABŞ, Ýewropa Bileleşigi, Hytaý bilen deň derejeli hyzmatdaşlyk gatnaşyklaryny gurmagy başardy.

Halkara harby we harby-syýasy toparlara gatnaşmakdan prinsipial hem-de gysgarnyksyz ýüz öwürmek Türkmenistana sebitleýin bäsleşikleriň haýsydyr bir görnüşlerine çekilmezlige mümkinçilik döretdi. Daşary syýasat töwekgelçiliklerиniň iň pes derejesini şertlendirýän Türkmenistanyň Bitaraplyk statusy ýurduň baý tebigy serişdeleri we halkyň agzybirligi bilen bilelikde daşary ýurtlaryň iň gowy kompaniýalary tarapyndan ýurdumyza uly gyzyklanma bildirilmegine getirdi hem-de milli ykdysadyýete uly möçberli daşary ýurt maýa goýumlarynyň çekilmegini üpjün etdi.

Türkmenistanyň Bitaraplygynyň ýene-de bir örän möhüm ähmiýeti bar we ony sanlar bilen ölçemek asla mümkin hem däldir. Bu – Bitaraplyk daşary syýasatynyň netijesinde türkmen ýaşlarynyň täze neslinde eýýäm tolerantlyk dünýägaraýşynyň, öz-özüne, goňşy ýurtlara we halklara, tutuş dünýä bolan hoşniýetli garaýşyň we gymmatlyklaryň kesgitli bir ulgamynyň kemala gelmegidir. BMG-niň beýik münberinden bitaraplygyň filosofiýasynyň halkara işlerinde jogapkärçilik, päk ahlaklylyk we ynsanepwerlik ýörelgelerine laýyk gelmelidigi hakda aýdanda, Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedow hut şulary göz öňünde tutupdy.

Türkmenistan Bitaraplygyň nobatdaky baýramçylygyny parahatlyk we rowaçlyk, dünýä jemgyýetçiligindäki öz dostlary hem-de hyzmatdaşlary bilen hoşniýetli gonşulyk, sylag-hormat, özara düşünişmek ýagdaýynda garşylaýar. Türkmen döwleti öz geljegini aýdyň görmegi başarýar, jemgyýeti ösdürmegiň meýilnamalaryny ynamly işläp düzýär. Şeýle durmuş synagyndan geçen ösüş ýoly biziň ýurdumyzyň öňe tarap ruhubelent we ynamly hereket etmegine mümkinçilik döredýär.

Bitarap Türkmenistan mundan beýläk hem Ýer ýüzünde parahatçylygyň we asudalygyň berkemegi üçin elinden gelen tagallalary eder we adamzat siwilizasiýasynyň öňe gitmegine öz mynasyp goşandyny goşar. ●





К 19-ой годовщине нейтралитета Туркменистана - В обстановке мира и созидания

«Туркменистан сегодня открыт миру, открыт для широкого международного сотрудничества по всем направлениям. Вместе с Организацией Объединенных Наций наша страна готова и дальше работать во имя утверждения принципов международного права, идеалов гуманизма, справедливости, толерантности, взаимного уважения в качестве факторов, определяющих современные отношения между государствами». Эти слова Президента Туркменистана Гурбангулы Бердымухамедова, прозвучавшие с высокой трибуны ООН в 2007 году, как нельзя лучше характеризуют нынешнюю внешнеполитическую стратегию Туркменистана.

12 декабря 1995 года в ходе заседания Генеральной Ассамблеи ООН Туркменскому государству был придан правовой статус «Постоянно нейтрального государства». Тогда же были обозначены и его основные характеристики – уважение суверенитета и территориальной целостности других стран, невмешательство в их внутренние дела, отказ от применения силы в межгосударственных отношениях, приоритет решений ООН в международных делах, укрепление добрососедства и сотрудничества со всеми странами.

На глобальном уровне Туркменистану удалось выстроить ровные партнерские отношения с великими мировыми державами и основными мировыми центрами силы – Россией, США, Евросоюзом, Китаем.

Принципиальный и безусловный отказ от участия в международных военных и военно-политических группировках позволил Туркменистану не оказаться втянутым в какие-либо формы регионального соперничества.

Нейтральный статус Туркменистана, обуславливающий минимальный уровень внешнеполитических рисков, вкупе с богатейшим ресурсным потенциалом и внутренней стабильностью предопределил большой интерес к стране со стороны лучших зарубежных компаний и обеспечил серьезный приток в национальную экономику иностранного капитала.

Имеется еще один очень важный аспект туркменского нейтралитета, который не измеришь цифрами. Это уже сформировавшееся под воздействием нейтрального внешнего курса у нового поколения туркменистанцев толерантное мировоззрение, определенная система ценностей и взглядов на себя, на соседние страны и народы, на весь мир. Именно это имел в виду Президент нашей страны Гурбангулы Бердымухамедов, говоря с трибуны ООН о соответствии философии нейтралитета критериям ответственности, нравственности и гуманизма в международных делах.

Туркменистан встречает очередную годовщину нейтралитета в обстановке мира и созидания, добрососедства, уважения и взаимопонимания со своими друзьями и партнерами по мировому сообществу. Туркменское государство четко видит свои перспективы, уверенно формирует планы развития общества. Такой выверенный курс позволяет нашей стране с оптимизмом двигаться вперед.

Нейтральный миролюбивый Туркменистан и впредь будет делать все возможное для укрепления мира и спокойствия на планете, вносить свой вклад в прогресс человеческой цивилизации. ●

A Scottish New Year

Edinburgh's Hogmanay

Edinburgh's Hogmanay Street Party is one of the world's greatest New Year celebrations

In every corner of the world people celebrate the New Year in a variety of ways and often at different times during the Gregorian calendar. The celebration of giving thanks for the year past and looking forward to what the future year may bring has given rise to some strange customs, such as jumping off a chair as the clock strikes twelve, as they do in Denmark, or eating twelve grapes as they do in Spain.

Scotland is no different and there is a long rich heritage associated with this event - they even have their own name for it, Hogmanay. The Scots have their own unique set of celebratory rites including the exchanging of lumps of coal, shortbread and whiskey, all of which are said to bring good luck. "First footing" - that is, the "first foot" in the house after midnight - is not as common as it used to be in Scotland, but it said that to ensure good luck for the house, the first foot through the door should belong to a male with dark hair (this is believed to be a throwback to the Viking days when blond strangers arriving on your doorstep meant trouble).

Historians believe that Scottish celebrations were inherited from the Vikings who came from further north and so paid more attention to the passing of the shortest day. It may not be widely known but Christmas was not celebrated and was virtually banned in Scotland for around 400 years. Many Scots had to work over Christmas and their winter solstice holiday was therefore at New Year when family and friends gathered for a party and to exchange presents. This festival came to be called Hogmanay, although the origins of the name are unclear.

The magical firework display and torchlight procession that we see in Edinburgh today - and throughout many cities in Scotland - is reminiscent of the ancient custom at Scottish Hogmanay pagan parties hundreds of years ago, where people would dress up in cattle hides and run around the village tossing torches and rolling blazing tar barrels down the hill. The smoking torch was also known as a Hogmanay and the smoke produced was believed to be very effective to ward off evil spirits. Some of these customs do continue, especially in the small communities in the Highlands where traditions are kept alive and well, but the grand celebrations of today's Hogmanay has earned world renowned as being one of the best locations to see in the New Year.

The audience who attends Edinburgh's Hogmanay make this an extra special event - a friendlier, welcoming, more enthusiastic crowd will be harder to find on the planet with revellers from over 60 countries joining the party. Live bands and DJs fill the streets with music and the city centre comes alive with festivities as party people from all over the world gather to bring in the New Year in style. One of the world's biggest outdoor parties is framed by the stunning backdrop of Edinburgh Castle making for a truly breath-taking evening.

You can also experience the very best in traditional Scottish music at the New Year ceilidh, a traditional Scottish dance. Newcomers to ceilidh and old pros can learn the moves with a professional ceilidh caller and bring in 2015 with spectacular views of the midnight fireworks. Last year's event was a total sell out and with tickets at only £20 it is unsurprising that people flock to this event. You can register at www.edinburghshogmanay.com for tickets to make sure you don't miss out on this year's event! ●



© Lloyd Smith

© Chris Watt

Edinburgda Hogmanaý, Şotlandiýa

Täze ýyl baýramy

Şotlandiýanyň Edinburg şäherinde geçirilýän, şowhun-şatlygy boýunça gaýtalanmajak dabaraly Hogmanaý baýramy – Täze ýyly garşylamakda iň ajaýyp wakalaryň biridir.

Täze ýyl dünýäniň her bir künjeginde dürli-dürli garşylanýar. Gregorian senenamasyndan ugur alnyp, Täze ýyly dürli-dürli wagtlarda belleýärler. Geçip barýan ýyl bilen göwnühoşluk, minnetdarlyk bilen hoşlaşmak hem-de geljek ýylda bagtly, şatlykly wakalara garaşmak dürli ýurtlarda özboluşly, örän gyzykly däp-dessurlaryň döremegine getiripdir. Meselem, Daniýada gije sagadyň dili on ikini görkezende, oturan stuluňdan bökmek kabul edilen bolsa, Ispaniýada sagat on ikide 12 sany üzüm dänesini iýmek adata öwrülipdir.

Täze ýyly garşylamakda Şotlandiýa hem şeýle özboluşly däplere eýeýär. Bu ýerde Täze ýyl giňden ýaýran baý däp-dessurlar boýynça baýram edilýär. Şotlandlaryň beýleki halkalara meňzemeýän baýramçylyk dabaralarynyň biri hem Hogmanaý diýlip atlandyrylýar. Hogmanaý baýramynda adamlar biri-birine kömrüň bölejiklerini, süýjüli koržikleri–kökeleri we wiski–ýörite içgini sowgat berýärler. Çünki, şotlandlar bular adamlara bagt getirýär diýip hasaplaýar. «Täze ýyla bosagadan giren ilkinji myhman» däbi häzirki günlerde Şotlandiýada edil ozalkylary ýaly o diýen meşhur däldir. Ýöne, şonda-da, ýarygijeden soň öýe gelen birinji myhman özi bilen bu maşgala rowaçlyk getirýär diýlip düşünilýär. Bu adata görä ilkinji myhman hökmany suratda erkek kişi, onda-da gara saçly bolsa, onda täze başlanýan ýyl şowly hasaplanýar. Halkyň içinde bu däbiň wikingleriň döwründen gelýändigi hakda köp gürrüňler aýdylýar. Şol döwürlerde blondin – sary saçly nätanyş adamlaryň işikde peýda bolmagy gowulyga ýorulmandyr.

Taryhçylar, aslynda, şotland baýramlarynyň öz gözbaşyny wikinglerden alyp gaýdýanlygyny tassyklaýarlar. Taryhy maglumatlara görä, wikingler uzak demirgazykdan süýşüp gelipdirler, şonuň üçin hem olar ýylyň iň gysga gününiň nähili geçirilişine uly üns beripdirler. Megerem Roždestwonyň bu ýerde baýramçylyk hökmünde bellenmänliginden, Şotlandiýada onuň 400 ýyl töweregi gadagan edilenliginden köpler bihabar bolsa gerek. Şotlandlaryň köpüsi Roždestwo günlerinde işläpdirler, dynç almandyrlar, bu ýerde Günüň iň demirgazykda ýa-da iň günortada ekliptika nokadyndan geçýän pursady, ýagny, Günüň gyşyna iň gysgalýan wagty Täze ýyl hökmünde bellenipdir. Bu baýramçylykda maşgalalar we ýakyn garyndaşlar, dost-ýarlar bir ýere ýygnanypdyrlar we birek-birege sowgat-serpaý beripdirler. Kem-kemden bu baýramçylyga Hogmanaý diýen at galypdyr. Dogrusy bu adyň döremeginiň düýp sebäbi häzire bu güne çenli näbellidir.

Biziň günlermizde Edinburgda, şeýle-de Şotlandiýanyň beýleki şäherlerinde Hogmanaý baýramçylygy geçirilende täsin galdyryjy feýerwerkleriň atylyşyny görmek bolýar. Şonuň ýaly-da adamlar elleri fakelli, ýagny gysgarak taýagyň ujuna çyra berkidip, ýa-da konus görnüşli alawy göterip köçelere çykýarlar. Bu alawly-fakelli ýörişler ýüzlerçe ýyllar mundan ozal, köphudaýlylyk zamanasyndaky däp bolan gadymy şotland Hogmanaý baýramçylygyny ýatladýar. Şol döwürlerde ýerli halk Hogmanaý baýramynda her hili haýwanlaryň derisini, hamyny geýip, elleri ot alawlaýan taýakly obalaryň içinde eýläk-beýläk ylgaşyp, ikiýana at salypdyrlar. Gara ýag siňdirilen esgili çeleklere ot berip baýyrlardan, depelerden aşaklygyna togalapdyrlar. Goýy tüsselap ýanýan oda şotlandça Hogmanaý diýilýär. Şonuň ýaly-da ýerli ilat tüsse arwah-jynlary gorkuzyp, alyslara kowýar diýip düşünipdir. Bu däpleriň käbirleri häzirki döwre çenli saklanyp galypdyr. Ylaýta-da, Şotlandiýanyň demirgazygyndaky hem-de demirgazyk-günbataryndaky kijijik obalarda bu gadymy däp-dessurlar mukaddes saýylýar we şu günlerem dowam etdirilýär. Häzirki döwürde Şotlandiýada Täze ýyl garşylananda Hogmanaý baýramynyň iň ýatda galyjy, iň şowhunly nusgasyny görmek bolýar.

Kimde-kim Edinburgda Hogmanaý baýramçylygynyň geçirilişine gabat gelse, ol diňe bir bu ýatda galyjy dabaraly şowhuny daşyndan synlaman, eýsem, hormatly myhman hökmünde oňa gatnaşyp hem biler. Gelen myhmanlaryň oňa gatnaşmagy bu baýrama özboluşly aýratynlyk, aýrybaşga ähmiýet berýär. Şäheriň köçelerinde saz toparlarynyň, orkestrleriň çykyşy ýaňlanýar. Şotland däbine görä, Täze ýyly garşylamak üçin dünýäniň 60-dan gowrak ýurdundan gelýän jahankeşdeler şäheriň merkezini gurşap alýan köpçülikleýin şowhun-şatlyga goşulýarlar. Siz şeýle dabaranyň şaýady bolsaňyz, onda hökman, başga bir ýerlerde-de şular ýaly hoşniýetli, şular ýaly güler ýüzli, açyk göwünli, begenji asmana göterilýän mähelle barmyka diýip pikir edersiňiz. Iň şowhunly baýramçylyk sahnalarynyň biri açyk meýdanda, ajaýyp Edinburg köşgüniň öňünde geçirilýär we onuň giň gerimde guralmagy Hogmanaýy hakykatdanam ählihalk şatlyk-şagalaňyna öwürýär.

Eger-de Täze ýylda şotlandlaryň milli sazynyň we tansynyň agşamyna gatnaşmak isleýänler bar bolsa, onda olaram öz gowünlerinde beslän arzuwlaryna ýetip bilerler. Bu agşamda milli tansy öwrenmäge-de diýseň amatly mümkinçilik döreýär, çünki bu ugurdan oňat baş çykarýan hünärmenler şotland tansy boýunça türgenleşik sapaklaryny geçirýärler. Gije ýarymdan agansoň, al-asmana göterilýän feýerwerk Täze – 2015-nji ýylyň başlanýandygyny habar berýär. Geçen ýylda bu baýramçylyk dabarasy örän köp adamlaryň gönünden turdy. Biletleriň bahasy bary-ýogy £ 20 deňdir. Şonuň üçin hem ýylda bir gezek bolýan bu ajaýyp, ýatdan çykmajak şowhuna gatnaşmak üçin Edinburga diýseň köp jahankeşdeleriň ýygnanmagy geň däldir.

Siz bu baýramçylygyň biletlerini biziň saýtymyzda: www.edinburghshogmanay.com satyn alyp bilersiňiz.

Bu ajaýyp dabarany duşuňyzdan geçirmäň! ●





Новогодний праздник Хогманай в

Эдинбурге, Шотландия

Неповторимая по своей красочности вечеринка Хогманай в Эдинбурге – одно из самых восхитительных событий в праздновании Нового Года

В каждом уголке мира люди отмечают Новый год по-разному, и часто в разное время, следуя Грегорианскому календарю. Выражение благодарности уходящему году и предвкушение того, что может принести год будущий, привели в разных странах к появлению забавных обычаев. Так, например, в Дании нужно прыгнуть со стула, когда часы пробьют двенадцать, или съесть двенадцать виноградин, как это делают в Испании.

Шотландия в этом смысле не является исключением. И у неё есть свои богатые традиции, связанные с празднованием Нового года. Уникальные праздничные церемонии шотландцев, получившие название Хогманай, включают в себя обмен кусочками угля, песочными коржиками и виски, что, как говорят, дарит фортуну. Обычай «первый гость в новом году» сейчас не так популярен в Шотландии, как было раньше, но всё равно считается, что посетитель, заглянувший к вам сразу после полуночи, приносит в дом удачу. Первый гость должен быть непременно мужчиной с темными волосами. Бытует мнение, что это поверье восходит к временам викингов, когда появление у порога блондинов - незнакомцев означало неприятности.

Историки считают, что шотландские праздники вообще берут начало от викингов, которые пришли с дальнего севера, и поэтому обращали внимание на то, как проходил самый короткий день в году. Возможно, не очень широко известен тот факт, что Рождество не праздновалось, и фактически было запрещено в Шотландии около 400 лет. Многие шотландцы работали в период Рождества, и их праздник зимнего солнцестояния отмечался в Новый Год, когда семья и друзья собирались вместе и обменивались подарками. Этот праздник стал называться Хогманай. Происхождение названия неизвестно.

Волшебный фейерверк и процессия с факелами, которые можно увидеть сегодня в Эдинбурге, а также во многих городах Шотландии, напоминают древний обычай на шотландском языческом празднике Хогманай сотни лет назад, когда люди надевали звериные шкуры и бегали вокруг своих деревень, разбрасывая факелы и спуская вниз по холму пылающие бочки со смолой. Дымящийся факел также назывался Хогманай, и считалось, что дым от него оттоняет злых духов. Некоторые из этих обычаев сохранились по сей день, особенно в маленьких селениях на севере и северо-западе Шотландии, где свято чтут вековые традиции. Празднование Хогманая в наши дни является одним из ярчайших торжеств, которое следует увидеть в Новый год.

Те, кто посещает Эдинбург в Хогманай, становятся не просто очевидцами, но и участниками празднества, придавая ему особый колорит. На улицах звучит живая музыка оркестров, центр города оживает, когда туристы из более чем 60 стран мира со всего мира собираются отпраздновать Новый Год по шотландски. Едва ли вы встретите где либо ещё более дружелюбную, приветливую и восторженную публику. Одна из самых больших вечеринок проходит на открытом воздухе, на фоне великолепного Эдинбургского замка, что превращает Хогманай в действительно захватывающее зрелище.

Желающие могут также побывать в Новый год на вечеринке с традиционной шотландской музыкой и танцами. Новичкам здесь предоставляется редкая возможность научиться движениям танца у профессионалов. В полночь великолепный фейерверк возвестит о наступлении нового 2015 года. В прошлом году праздничные торжества пользовались огромным успехом. Билет стоил всего £20, и неудивительно, что столько людей собралось в Эдинбурге, чтобы красиво отметить замечательный праздник, который бывает только раз в году. Вы можете зарегистрироваться у нас сайте www.edinburghshogmanay.com, чтобы приобрести билеты и не пропустить это незабываемое событие в нынешнем году! ●





ВОСПОЛЬЗУЙТЕСЬ ВСЕМИ
ПРЕИМУЩЕСТВАМИ
ОБСЛУЖИВАНИЯ
КОРПОРАТИВНЫХ КЛИЕНТОВ

ПРИСОЕДИНЯЙТЕСЬ К МТС!

МТС

+99312 411520, 0990 | orkk@mts.tm | www.corp.mts.tm

Turkmenistan Inflight

Lachyn

Welcome to Turkmenistan Airlines Inflight Information

For more Information, please visit our website http://turkmenairlines.com

«Türkmenhowaýollarynyň» ýolagçylar üçin maglumat bölümine hoş geldiňiz

Biz barada has doly maglumaty aşakda görkezilen salgy boýunça tapyp bilersiňiz http://turkmenairlines.com

Добро пожаловать в раздел информации для пассажиров авиалиний Туркменистана

Более подробная информация размещена на сайте http://turkmenairlines.com



«Turkmenhovayollary» today

Today the civil aviation of Turkmenistan is at a new stage of development. Modernisation of the aviation fleet is under way at a fast rate, means of traffic control are being improved, airports' ground infrastructure is being updated and training of highly qualified aviation personnel is underway. All this will enable airmen to significantly increase the level of servicing passengers and bring services up to a high international standard.

At present "Turkmenhovayollary" possesses comfortable liners "Boeing-757", "Boeing-737-700" and Boeing-737-800". The plane Challenger" (CL-605) has been purchased for commercial flights and "Boeing-717" perform flights on domestic airlines. All-freight operations are performed on the transport aircraft "IL-76". The most advanced rotary-wing equipment is presented by modern helicopters "Sikorskiy", "Super Puma", "MI-8", and two new helicopters "AW-101VIP".

In 2013, three liners "Boeing-737-800" were launched into operation, which were purchased according to the Decree of the President of Turkmenistan. Comfortable liners of the new generation – "Boeing -737-700" and "Boeing -737-800", which are the most popular models among all aircraft of NG generation, will replace aircraft "Boeing-757-200", "Boeing -717-200" and "Boeing -737-300", which are outliving their usefulness. The number of this type of aircraft will be growing and by the year of 2020 the national aircraft fleet will be equipped with these aircraft. Medium-long range aircraft will be purchased for the development of air transportation and airports in the towns of Atamyrat and Garabogazgol will be constructed.

In the first half of the year 2014 aircraft "Boeing-777-200 LR" ('three seven") started operating on the Turkmen air-routes. Turkmen airmen connect international passenger air carriages with many countries and continents with this particular aircraft. "Boeing-777-200 LR", together with the existing aviation fleet, will enable Turkmen airmen to form an efficient national transport system and provide significant all-freight operations and passenger transportation. With the use of state-of-the-art aviation equipment new international air routes from Ashgabat will be opened – to Milan, Riga, Erevan, as well as to Jidda (Saudi Arabia). Our passengers already fly to China, Turkey, England and Germany on the new multi-seated liner "Boeing-777-200 LR". New routes will be opened from the capital of our country to the airports of Hanoi, Ho Chi Minh, Kuala Lumpur and Toronto.

At present aircraft with the emblem of the State National Service "Turkmenhovayollary" land in the airports of Moscow, London, Frankfurt, Birmingham, Bangkok, Delhi, Dubai, Amritsar, Beijing, Istanbul, Minsk, Paris, Almaty, Kiev, St.Petersburg and Lviv. The company representative offices are open in 11 of the biggest cities in Asia and Europe.

Construction in all velayats of state-of-the-art terminal complexes, which provide passengers with a whole range of services and take-off runways which can receive all aircraft types, is part of the overall strategy of the President of Turkmenistan Gurbanguly Berdimuhamedov on creating an airborne transportation infrastructure and equipping it with the most updated equipment and facilities. Under the President's initiative airports in Mary, Turkmenabat and Dashoguz have been reconstructed. Construction of a new airport in Ashgabat is under way and a modern terminal complex is under construction in Turkmenabat. Artificial takeoff runways are being constructed on the aerodromes of Turkmenabat and Dashoguz. They will be able to receive aircraft "Boeing-777-200 LR".

Turkmenistan is becoming an important transit centre in the global system of international operations. Thus, from the moment of opening the new center of Air Traffic Control (ATC) in Ashgabat, the number of aircraft flying over the territory of the country has increased tens of times. For the years of Independence Turkmenistan airmen transported 30 million passengers and about 400 thousand tons of cargo and mail on international and domestic routes. In 2013 more than 2 million passengers and about 19 thousand tons of cargo and mail were carried on international and domestic routes. The mileage of international air routes of "Turkmenhovayollary" is steadily increasing - in 1992 it was 27 thousand kilometres and in 2013 this increased to 60 thousand kilometres.

V. Komarov

«Türkmenhowaýollary» şu gün

Häzirki günlerde Türkmenistanyň raýat awiasiýasy öz ösüşiniň täze basgançagyna galdy. Awiasiýa ulaglarynyň binýadyny döwrebaplaşdyrmak ýokary depginler bilen amala aşyrylýar, howa gatnawlaryny dolandyrmagyň serişdeleri kämilleşdirilýär, howa menzilleriniň ýerüsti infrastrukturasy täzelenýär, ýokary hünärli işgärleri taýýarlamak işleri alnyp barylýar. Bu howa gatnawlaryň işgärlerine ýolagçylara hyzmat edilişiniň hilini halkara ülňüleriniň derejesine ýetirmäge mümkinçilik berýär.

Häzirki wagtda «Türkmenhowaýollary» Döwlet Milli gullugynda «Boing-757», «Boing-737-700», «Boing-737-800» ýaly köp orunly, has amatly uçarlar ulanylýar. Telekeçilik ýüklerini daşamak üçin «Çellenjer» (GL-605) uçary satyn alyndy. Ýerli ugurlarda «Boing-717» kysymly uçarlar ýolagçylary gatnadýar, «IL-76» kysymly uçarlar bolsa, ýük daşamagy üpjün edýär.

«Türkmenhowaýollary» DMG-niň wintganatly tehnikalary Sikorskiniň täze nusgadaky «Super Puma», MI-8, Mi-8MTW, iki sany täze AW-101VIP kysymly häzirkizaman dikuçarlaryndan ybaratdyr.

2013-nji ýylda Türkmenistanyň Prezidentiniň Kararyna laýyklykda, üç sany «Boing-737-800» kysymly howa uçary satyn alyndy. Täze uçarlaryň ähli nusgalarynyň arasynda iň meşhurlary hasaplanýan «Boing-737-700», «Boing-737-800» ýaly köp orunly, has amatly uçarlar «Türkmenhowaýollary» DMG-niň howa gatnawlarynda öz ulanyş möhletini geçiren «Boing-737-200», «Boing-737-200»,«Boing-737-300» ýaly uçarlaryň ýerini çalşar. Şeýle kysymly howa gämileriniň sany barha köpelýär we 2020-nji ýyla çenli milli uçarlaryň parky doly täzelener. Ýerli gatnawlary ösdürmek üçin orta aralyga uçýan howa gämileri satyn alnar, Atamyrat, Garabogaz şäherlerinde howa menzilleri gurlar.

2014-nji ýylyň birinji ýarymynda Türkmenistanyň howa ýollarynda «Boing-777-200» («üç ýedilikler») kysymly uçarlar peýda boldy we türkmen uçarmanlary bu täze ulaglaryň satyn alynmagy bilen dünýäniň köp ýurtlarynyň, sebitleriniň arasyndaky halkara ýolagçy gatnawlarynyň has-da ýaýbaňlanjakdygyna ynanýarlar. «Boing 777-200 LR» uçarlary häzirki hereket edýän ulaglaryň toplumy bilen bilelikde türkmen awiatorlaryna milli ulag ulgamyny döretmäge hem-de halkara ýük daşalyşyny we ýolagçy gatnadylyşyny ep-esli artdyrmaga mümkinçilik döreder. Iň öňdebaryjy awiasiýa tehnikalaryny ulanmak bilen Aşgabatdan – Milana, Ýerewana, şeýle-de Saud Arabystanynyň Jidda şäherine täze halkara gatnawlary açylar.

Täze köp orunly «Boing 777-200 LR» uçarynda biziň ýurdumyzyň raýatlary eýýäm Türkiýä, Angliýa, Germaniýa, Hytaýa gatnaýarlar. Watanymyzyň paýtagtyndan Hanoýyň, Hoşiminiň, Torontonyň we Kuala-Lumpuryň howa menzillerine täze ýollar açylar.

«Türkmenhowaýollary» Döwlet Milli gullugynyň nyşany şekillendirilen laýnerler Moskwanyň we Sankt-Peterburgyň, Londonyň we Birmingemiň, Bankongyň we Pekiniň, Deliniň we Amritsaryň, Dubaýyň we Stambulyň, Minskiň we Almatynyň , Frankfurtyň we Parižiň howa menzillerinde gonýarlar.

Aziýanyň we Ýewropanyň 11 şäherinde bu awiakompaniýanyň wekilhanalary hereket edýär.

Ýurduň ähli welaýatlarynda ýolagçylara hyzmatlaryň tutuş toplumyny hödürleýän we uçarlaryň ähli görnüşlerini kabul etmäge ukyply uçuş-gonuş zolakly häzirkizaman howa menzillerini gurmak Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň howa ulaglarynyň ösen infrastrukturasyny döretmek, bu pudagy öňdebaryjy enjamlar we tehnikalar bilen üpjün etmek baradaky umumy strategiýasynyň bir bölegidir. Prezidentiň başlangyjy bilen Mary, Türkmenabat we Daşoguz şäherleriniň howa menzillerniň durky täzelendi. Aşgabatda täze halkara howa menziliniň gurluşygy alnyp barylýar. Türkmenabat şäherinde häzirkizaman howa menziliniň toplumy gurulýar. Türkmenabat we Daşoguz şäherleriniň howa menzillerinde «Boing 777-200 LR» uçarlaryny kabul etmäge mümkinçilik berýän emeli uçuş-gonuş zolaklaryny gurmak işleri dowam edýär.

Türkmenistan halkara howa gatnawlarynyň global ulgamynda möhüm tranzit merkeze öwrülýär. Aşgabatda täze UWD merkeziň açylan pursadyndan başlap, ýurduň howa giňişlikleriniň üstünden geçip gidýän uçarlaryň sany onlarça esse köpeldi. Garaşsyzlyk ýyllarynda Türkmenistanyň awiatorlary halkara we ýerli uçuş ugurlarynda jemi 30 million ýolagçy gatnatmagyň, 400 müň tonna golaý ýükleri we poçtany daşamagyň hötdesinden geldi. 2013-nji ýylda täze köp orunly howa gämilerinde halkara we ýerli gatnawlarda jemi 2 milliondan gowrak adam gatnadylyp, 19 müň tonna golaý ýük we poçta daşaldy. «Türkmenhowaýollarynyň» halkara ugurlarynyň umumy uzynlygy yzygiderli artýar. Eger-de 1992-nji ýylda bu görkeziji 27 müň kilometre deň bolan bolsa, 2013-nji ýylda ol 60 müň kilometre çenli artdyryldy.

W. Komarow

«Туркменховаёллары» сегодня

Сегодня гражданская авиация Туркменистана находится на новом этапе развития. Высокими темпами осуществляется модернизация авиационного парка, совершенствуются средства управления воздушным движением, обновляется наземная инфраструктура аэропортов, ведется подготовка высококвалифицированного авиационного персонала. Это позволит авиаторам значительно повысить уровень обслуживания пассажиров и довести этот показатель до высоких международных стандартов.

Сейчас на авиалиниях Государственной национальной службы «Туркменховаёллары» эксплуатируются комфортабельные лайнеры «Боинг-757», «Боинг-737-700», «Боинг-737-800». Для коммерческих рейсов приобретен самолет «Челленджер» (CL-605). На местных воздушных трассах курсируют самолеты «Боинг-717», а транспортные перевозки осуществляются на самолетах «ИЛ -76».

Винтокрылая техника представлена современными вертолетами Сикорского, «Супер Пума», «Ми-8», двумя новыми вертолетами «AW-101VIP».

В 2013 году в эксплуатацию поступили, приобретенные согласно Постановлению Президента Туркменистана, три лайнера «Боинг-737-800». Комфортабельные лайнеры нового поколения – «Боинг-737-700» и «Боинг-737-800», являющиеся самыми популярными моделями среди всех самолетов поколения NG, заменят на авиалиниях ГНС «Туркменховаёллары», вырабатывающие свой ресурс самолеты «Боинг-757-200», «Боинг-717-200» и «Боинг-737-300». Количество воздушных судов этого типа будет расти, а к 2020 году ими будет полностью переоснащен национальный авиационный парк. Для развития авиационных перевозок на местных авиалиниях будут приобретены воздушные суда средней дальности полета, возведены аэропорты городов Атамурата, и Гарабогаза.

В первом полугодии 2014 года на туркменские авиалинии вышел самолет «Боинг 777-200LR» («три семёрки»), с которым авиаторы страны связывают развитие международных пассажирских авиаперевозок со многими странами и континентами. «Боинг 777-200LR» в совокупности с имеющимся авиационным парком, позволит туркменским авиаторам сформировать эффективную национальную транспортную систему, и обеспечить значительные международные грузовые и пассажирские перевозки. С применением новейшей авиационной техники ведутся работы по открытию новых направлений из Ашхабада — в Милан, Ригу, Ереван, а также в Джидду (Саудовская Аравия). На новом многоместном лайнере «Боинг- 777-200LR» наши пассажиры уже летают в Турцию, Англию, Германию и Китай. Откроются новые маршруты из столицы нашей родины в аэропорты Ханоя, Хошимина, Торонто и Куала-Лумпур.

В настоящее время воздушные суда с эмблемой ГНС «Туркменховаёллары» приземляются в аэропортах Москвы и Санкт-Петербурга, Лондона и Бирмингема, Бангкока и Пекина, Дели и Амритсара, Франкфурта и Парижа, Стамбула и Дубаи. Совершаются также рейсы в Минск и Алматы. Представительства авиакомпании открыты в 11 крупнейших городах Азии и Европы.

Строительство во всех велаятах страны современных аэровокзальных комплексов, предоставляющих авиапассажирам весь комплекс услуг и взлетно-посадочных полос, способных принимать все типы самолетов – часть общей стратегии Президента Туркменистана Гурбангулы Бердымухамедова по созданию развитой инфраструктуры воздушного транспорта, оснащению его самым современным оборудованием и техникой.

По инициативе Президента реконструированы аэропорты в городах Мары, Туркменабат и Дашогуз. Ведется строительство нового международного аэропорта города Ашхабада. Современный аэровокзальный комплекс строится в городе Туркменабат. На аэродромах Туркменабата и Дашогуза сооружаются искусственные взлетно-посадочные полосы, способные принимать самолеты «Боинг 777-200LR».

Туркменистан становится важным транзитным центром в глобальной системе международных перевозок. Так, с момента открытия нового центра УВД в Ашхабаде количество воздушных судов, пролетающих над территорией страны, увеличилось в десятки раз. За годы независимости авиаторы Туркменистана перевезли на международных и местных авиалиниях 30 миллионов пассажиров и около 400 тысяч тонн грузов и почты. В 2013 году на современных многоместных воздушных судах было перевезено на международных и внутренних авиалиниях более 2 миллионов пассажиров и около 19 тысяч тонн грузов и почты. Неизменно растет протяженность международных авиалиний «Туркменховаёллары». Если в 1992 году она составляла 27 тысяч километров, то в 2013 году самолеты преодолевают расстояние в 60 тысяч километров.

В. Комаров

History of civil aviation of Turkmenistan

The history of civil aircraft of Turkmenistan originates from 1927 when the first airline was opened, which connected Chardzhou with Tashauz through Tourtkul and Novo-Urgench. On this airline, the Chardzhou aviation enterprise used the four-seat passenger airplanes "Junkers" JU-13 purchased in Germany, and the airplanes K-4 of Soviet production. In total eight airplanes were engaged.

In 1932 the civil air fleet of Turkmenistan was replenished with new Soviet passenger airplanes. These were six-seat K-5 and twelve-seat ANT-9, and an air division in Chardzhou airport was created which began to serve the airline Chardzhou-Tashauz directly.

